OSCE

ÝeHHG-nyň Aşgabatdaky Merkezi

Центр ОБСЕ в Ашхабаде

Liberté • Égalité • Fraternité
RÉPUBLIQUE FRANÇAISE

**AMBASSADE DE FRANCE**
au TURKMENISTAN

# Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda tutulyp saklanan (tussag edilen/tussag astyna alynan) pursadyndan başlap işiň kazyýetiň garamagyna iberilmäge çenli tutulyp saklanan (tussag edilen/tussag astyna alnan) adamlaryň hukuk ýagdaýy

# Правовое положение задержанных (арестованных/ заключенных под стражу) с момента задержания (ареста/ заключения под стражу) и до передачи дела на рассмотрение в суд в соответствии с действующим законодательством Туркменистана

**Aşgabat ş. – 2008-nji ýylyň oktýabr aýy**
**г. Ашхабад – октябрь 2008 г.**

*     *     *

Bu Maglumat güwänamasy ÝeHHG-nyň Aşgabatdaky Merkeziniň ygtyýarynda bolan Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna esaslanýar. Bu Maglumat güwänamanyň birinji görnüşi 2007-nji ýylyň Sanjar aýynda taýarlanyldy, soň-hem Türkmenistanyň Prezidentininň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky milli institutyň bellikleri nazara alynyp kämilleşdirildi. Eger Güwänamada agzalmadyk haýsydyr başga kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen çaprazlyklar tapylsa, ÝeHHG-nyň Aşgabatdaky Merkezine habar bermegiňizi haýyş edýäris.

Fransiýanyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň maliýe goldawy bilen çap edildi

*     *     *

Данная Информационная справка основывается на нормативно-правовых актах Туркменистана, имеющихся в распоряжении Центра ОБСЕ в Ашхабаде. Первая версия этой Справки была подготовлена в ноябре 2007 г., которая затем была актуализирована с учетом замечаний Национального института демократии и прав человека при Президенте Туркменистана. В случае обнаружения расхождений с какими-либо другими нормативно-правовыми актами, которые не упоминаются в Справке, просим сообщить об этом в Центр ОБСЕ в Ашхабаде.

Публикуется при финансовой поддержке Посольства Франции в Туркменистане.

# MAZMUNY


I. UMUMY DÜZGÜNNAMALAR .... 6
II. TUTUP SAKLAMA SEZEWAR EDILEN ADAMLARYŇ HUKUK ÝAGDAÝY .... 8
2.1. Administratiw taýdan tutup saklamak .... 8
*2.1.1 Administratiw taýdan tutup saklamagy amala aşyrmaga ygtyýarly edaralar (wezipeli adamlar) we tutup saklamagyň esaslary .... 8*
*2.1.2 Administratiw taýdan tutup saklamak hakyndaky protokoly .... 9*
*2.1.3 Administratiw taýdan tutup saklamagyň möhletleri .... 9*
*2.1.4 Administratiw taýdan tutup saklamak barada mälim etmegi .... 10*
*2.1.5 Düzgüni bozujynyň administratiw taýdan tutulyp saklanmagy barada şikaýat edilmegi .... 10*
*2.1.6 Administratiw taýdan tutup saklamak amala aşyrlanda kanunlaryň berjaý edilşine prokuror gözegçiligi* .... 10
2.2 Jenaýat iş ýörediş hereket hökmünde tutup saklamak .... 10
*2.2.1. Tutup saklamagy amala aşyrmaga ygtyýarly edaralar. .... 11*
*2.2.2. Tutup saklamak üçin esaslar* .... 12
*2.2.3. Tutup saklamagy dogrusyndaky teswirnama (“protokol”)* .... 12
*2.2.4. Tutup saklamak möhleti we tutup saklamagyň esaslandyrylandygyna prokuror tarapyndan gözegçilik* .... 13
*2.2.5. Tutulyp saklanan adamdan sorag edilmegi .... 13*
*2.2.6. Tutulyp saklanýandygy hakynda maşgalasyny habardar etmek* .... 13
*2.2.7. Tutulyp saklananlar üçin ýuridiki kömegi. .... 13*
*2.2.8. Tutulyp saklananlary saklawly jaýlara salmak .... 14*
*2.2.9. Tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan jaýlary .... 14*
*2.2.10. Tutulyp saklananlaryň saklanýan ýerlerindäki düzgün .... 14*
*2.2.11. Tutulyp saklanan adamlary aýry-aýrylykda saklamak* .... 15
*2.2.12. Tutulyp saklananlaryň hukuklary we borçlary* .... 15
*2.2.13. Maddy-durmuş taýdan üpjün edilişi we medisina hyzmatynyň edilişi.* .... 15
*2.2.14. Tutulyp saklananlara duşuşmaga maý bermek.* .... 16
*2.2.15. Tutulyp saklananlaryň şikaýatlaryny we arzalaryny ýollamagyň tertibi* .... 16
*2.2.16. Tutulyp saklananlara fiziki taýdan täsir etmek çäreleri.* .... 16
*2.2.17. Tutulyp saklanan adamlary boşatmaga esaslar we onuň tertibi.* .... 17
*2.2.18. Tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerlerinde kanunçylygyň berjaý edilişine prokuror gözegçiligi. .... 17*
III. TUSSAG EDILEN (TUSSAG ASTYNA ALNAN) ADAMLARYŇ HUKUK ÝAGDAÝY. .... 18
3.1. Jenaýat işini gozgamagy we deslapky derňew .... 18
3.2. Deslapdan tussaglykda saklamagyň esaslary .... 21
3.3. Tussaglykda saklamagyň möhletleri .... 23
3.4. Deslapky tussag ediş ýerleri .... 23
3.5. Deslapky tussag ediş ýerlerdäki tertibiň esasy talaplary .... 23
3.6. Deslapky tussag ediş ýerlerindäki aýry-aýrylykda saklamak .... 24
3.7. Tussag astyna alnan adamlardan sorag etmek .... 24
3.8. Tussag astyna alnan adamlar üçin ýuridiki kömegi .... 26
3.9. Terjimeçiniň işe gatmaşmaga çagyrylmagy .... 29
3.10. Tussag edilenleriň hukuklary .... 29
3.11. Tussag edilenleriň borçlary .... 30
3.12. Maddy-durmuş taýdan üpjünçilik we medisina taýdan hyzmat etmek .... 30
3.13. Görme-görüş bermegiň tertibi .... 30

3.14. Hat alyşmak we arzalary, şikaýatlary we hatlary ibermegiň tertibi. 30
3.15. Tussag edilen adamlara ulanylýan höweslendiriş we temmi beriş çäreleri 31
3.16. Howpsuzlyk çäreleri we ýaragyň ulanmagynyň esaslary 32
3.17. Tussag edilenleri boşatmaga esaslar 32
3.18. Deslapky tussag ediş ýerleri tarapyndan kanunlaryň ýerine ýetirilişine prokuror gözegçiligi 32
IV. BIKANUN TUTUP SAKLAMAK, TUSSAG ASTYNA ALMAK ÝA-DA TUSSAGLYKSA SAKLAMAK ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIGI 35
4.1 Bikanun tutup saklamak 35
4.2. Bikanun tussag astyna almak we tussaglykda saklamak 36
4.3 Agyr netijelere alyp baran bikanun tutup saklamagy, tussag astyna almagy ýa-da tussaglykda saklamagy 36
V. ŞU MAGLUMAT GÜWÄNAMASYNDA ULANYLÝAN KADALAŞDYRYJY HUKUK NAMALARYNYŇ SANAWY (HRONOLOGIK TERTIBINDE) 37

# Содержание

I. Общие положения ... 38
II. Правовое положение лиц, подвергшихся задержанию ... 40
2.1. Административное задержание ... 40
*2.1.1. Органы (должностные лица), правомочные осуществлять административное задержание и основания для задержания ... 40*
*2.1.2. Протокол административного задержания ... 41*
*2.1.3. Сроки административного задержания ... 41*
*2.1.4. Уведомление об административном задержании ... 42*
*2.1.5. Обжалование административного задержания ... 42*
*2.1.6. Прокурорский надзор за соблюдение законности при осуществлении административного задержания ... 42*
2.2. Задержание как уголовно-процессуальное действие ... 44
*2.2.1. Органы, уполномоченные производить задержание ... 44*
*2.2.2. Основания для задержания ... 45*
*2.2.3. Протокол задержания ... 45*
*2.2.4. Сроки задержания и контроль за обоснованностью задержания со стороны прокурора ... 46*
*2.2.5. Допрос задержанных ... 46*
*2.2.6. Уведомление семьи о задержании ... 46*
*2.2.7. Юридическая помощь для задержанных ... 46*
*2.2.8. Помещение в места содержания задержанных ... 47*
*2.2.9. Места содержания задержанных ... 47*
*2.2.10. Режим в местах содержания задержанных ... 47*
*2.2.11. Раздельное содержание задержанных ... 48*
*2.2.12. Права и обязанности задержанных ... 48*
*2.2.13. Материально-бытовое обеспечение и медицинское обслуживание задержанных ... 48*
*2.2.14. Предоставление свиданий задержанным ... 49*
*2.2.15. Порядок направления жалоб и заявлений задержанных ... 49*
*2.2.16. Меры физического воздействия в отношении задержанных ... 49*
*2.2.17. Основания и порядок освобождения задержанных ... 50*
*2.2.18. Прокурорский надзор за соблюдением законности в местах содержания задержанных ... 50*
III. Правовое положение арестованных (заключенных под стражу) ... 51
3.1. Возбуждение уголовного дела и предварительное следствие ... 51
3.2. Основания предварительного заключения ... 55
3.3. Сроки предварительного заключения ... 56
3.4. Места предварительного заключения ... 56
3.5. Основные требования режима в местах предварительного заключения ... 57
3.6. Раздельное содержание в местах предварительного заключения ... 57
3.7. Допрос заключенных под стражу ... 58
3.8. Юридическая помощь для заключенных под стражу ... 59
3.9. Привлечение переводчика для участия в деле ... 62
3.10. Права заключенных под стражу ... 63
3.11. Обязанности заключенных под стражу ... 63
3.12. Материально-бытовое обеспечение и медицинское обслуживание ... 64
3.13. Порядок предоставления свиданий ... 64
3.14. Переписка и порядок направления жалоб, заявлений и писем ... 64

3.15. Меры поощрения и взыскания, применяемые к заключенным под стражу ......... 65
3.16. Меры безопасности и основания применения оружия ......................................... 65
3.17. Основания для освобождения заключенных из-под стражи ................................ 66
3.18. Прокурорский надзор за соблюдением законности в местах предварительного заключения ................................................................................................................... 66
IV. Ответственность за незаконное задержание, заключение под стражу или содержание под стражей ................................................................................................... 69
4.1. Незаконное задержание ............................................................................................ 69
4.2. Незаконное заключение под стражу или содержание под стражей ....................... 70
4.3. Незаконное задержание, заключение под стражу или содержание под стражей, повлекшее тяжкие последствия ........................................................................................ 70
V. Список нормативно-правовых актов, используемых в данной Информационной справке (в хронологическом порядке) ........................................... 71

# I. UMUMY DÜZGÜNNAMALAR

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň[1] 18-nji maddasy adamyň hukuklarynyň el degrilmezligi¸ we olary elinden alybam bolmazlygyny yglan edýär. Adam haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum edilsede, diňe Konstitusiýa we kanuna laýyk gelýän mahalynda mahrum edilip bilner. Konstitusiýanyň 23-nji maddasyna laýyklykda adamy tussag etmäge we tussag astyna almaga diňe kanuna laýyk gelýän mahalynda ýol berilýär: "Raýat diňe kanunda takyk görkezilen esaslar bar bolan mahalynda kazyýetiň karary boýunça ýa-da prokuroryň sanksiýasy bilen, şeýle hem diňe kanunda bellenilen tertipde tussag edilip bilner. Gaýra goýmak bolmaýan hem-de kanunda takyk görkezilen halatlarda ygtyýarly döwlet edaralary raýatlary wagtlaýyn tutup saklamaga haklydyrlar".[2]

Bu getirilen konstitusiýon normasyndan kazyýetden öňki azatlykdan mahrum edilişine degişli iki aýratyn hukuk konsepsiýalar ulanylýandygy gelip çykýar: „tutup saklamak“ (tutulyp saklanylmak) we „tussag“ („tussag etmek“, „tussag astyna almak“). Olar jenaýat iş ýörediş kanunçylygynyň we beýleki hereket edýän Türkmenistanyň kanunçylygynyň görnüşleri bilen kadalaşdyrylýarlar.[3] Bu iki iş ýörediş hereketleriň arasynda adamy azatlykdan mahrum edilişine gönükdirilen wajyp tapawudy bar – tutup saklama – adatdan daşary we gyssagly çäre, kazyýetiň ýa-da başga bir ygtyýarly döwlet edaranyň rugsaty bolmasada ulanylyp bilner. Tussag etmek üçin bolsa şonuň ýaly rugsatnama hökman bolmalydyr. Şeýlelikde, tutulyp saklanan we tussag edilen adamlaryň hukuk ýagdaýy hem biraz tapawutlanýar.

Emma her hili ýagdaýda-da, tutup saklamak hem tussag etmek konstitusiýon hukugyň we jenaýat iş ýörediş kanunçylygyň aşakdaky ýaly esasy ýörelgelerine takyk laýyklykda amala aşyrylmalydyr:

- adamyň janyny, namysyny, mertebesini we azatlygyny goramak;[4]
- şahsyýetiň eldegrilmezligi, we haýsy bolsada adam hukuklaryny çäklendirmegiň ýa-da kemsitmegiň gadaganlygy, eger kanunda başga hili düzgünler bellenmedik bolsa;[5]
- ýaşaýyş jaýa el gatmazlyk, şahsy durmuşyň goramak we hat-habarlaryň syryny saklamak;[6]
- günäsizlik prezumpsiýasy;[7]
- raýatlaryň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan deňligi;[8]
- adamy gynamak, rehimsizlik, zalymlyk bilen ýa-da adam mertebesini kemsidýän derejede el urmak, ýa-da temmi berip bolmazlygy, şeýle hem medisina, derman saglygy kemsidýän synagyna sezewar edip bolmazlygy;[9]
- boýun almaga we başga hili öz-özüni paş etmäge we öz-özüne ýa-da ýakyn garyndaşlaryna garşy görkezme bermäge mejbur edip bolmazlygy;[10]

---

[1] 18.05.1992 ý. kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasy (soňky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen, mundan beýläk - Konstitusiýa).
[2] Konstitusiýanyň bu düzgünnamasy Türkmenistanyň Jenaýat Prosessual Kodeksiniň (22.12.1961 ý., soňky üýtgetmeler bilen) 7-nji we 96-njy maddalarynda tassyklanýar.
[3] Ulanylýan kanunçylyga degişli salgylanmalar tekstiň dowamynda beriler.
[4] Konstitusiýanyň 3, 22 we 43-nji maddalary.
[5] Konstitusiýanyň 3, we Jenaýat Prosessual Kodeksiniň (JPK) 7-nji maddasy.
[6] Konstitusiýanyň 24-25, we JPK-niň $7^1$ –nji maddasy.
[7] Prosessual Kodeksiniň 8-nji maddasy
[8] Konstitusiýanyň 19-20-nji we JPK-niň 9-njy maddasy.
[9] Konstitusiýanyň 23-nji maddasy.
[10] Konstitusiýanyň 45-nji maddasy we JPK-niň 15-nji maddasy.

– özüni aklamak/goramak hukugy.[11]

[11] Konstitusiýanyň 43-44, 108-nji maddalary we JPK-niň 14-nji maddasy.

## II. TUTUP SAKLAMA SEZEWAR EDILEN ADAMLARYŇ HUKUK ÝAGDAÝY

Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygy tutup saklamagyň iki esasy görnüşlerini göz öňünde tutýar: administratiw taýdan tutup saklamak we jenaýat-iş ýörediş hereket hökmünde tutup saklamak. Indi, her-bir tutup saklamagyň görnüşi barada aýratyn gürrün beriler[12].

### 2.1. Administratiw taýdan tutup saklamak

Türkmenistanyň Administratiw hukuk tertibiniň bozulmagy hakyndaky kodeksiniň[13] 251-252-nji we Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň[14] 84-nji maddalary boýunça administratiw taýdan tutup saklamaga ýol berilýär.

Administratiw taýdan tutup saklamak AHTBHK-niň 251-nji maddasyna laýyklykda Administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işleri ýöretmegi üpjün etmek çäreleriniň biri bolup durýar. Ol beýleki täsir ediş çäreleri gutaran mahalynda administratiw hukuk tertibiniň bozulmalarynyň öňüni almak, şahsyýetini takyklamak, administratiw hukuk tertibiniň bozulmagy hakyndaky protokoly (eger onuň düzülmegi hökman bolsa) ýerinde düzmek mümkin bolmadyk wagtynda ony düzmek, işlere öz wagtynda we dogry garalmagyny hem-de administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işler barada çykarylan kararlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen amala aşyrylýar.[15]

Gümrük kadalarynyň bozulmagynyň öňüni almak, şeýle düzgün bozuş edilende öz ýerinde protokol düzmek mümkin bolmadyk halatlarda protokol düzmek, işiň öz wagtynda we dogry seredilmegiň hem-de şol iş boýunça çykarylan kararyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen administratiw taýdan tutup saklamaga ýol berilýär.

#### *2.1.1 Administratiw taýdan tutup saklamagy amala aşyrmaga ygtyýarly edaralar (wezipeli adamlar) we tutup saklamagyň esaslary*[16].

Administratiw hukuk tertibini bozan adamy administratiw taýdan tutup saklamak işini diňe kanunlar arkaly şoňa ygtyýarly edilen organlar (wezipeli adamlar) amala aşyryp bilerler, hususan-da:

1) içeri işler organlary – dürli admiistratiw hukuk tertibiniň bozulmalanda (aşakdaky çykgyda seret)[17] ;

---

[12] Tutup saklamak bu Maglumat güwänamada seredilýän administratiw ýa-da jenaýat iş ýörediş (prosessual) kanunçylygynyň çäkleriniň daşynda hem bolup bilýär. Türkmenistanyň "Psihikiatriki kömek hakynda" (от 01.10.1993 ý.) (28-29-njy maddalary)Kanuny we "Adatdan daşary ýagdaýyň hukuk düzgüni hakynda" TSSR-yň Kanuny (23.08.1990) (10-njy maddasy), „Türkmenistanyň Polisiýa hakynda" Türkmenistanyň Kanuny (07.07.2001 soňky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen) mundan beýläk – „Polisiýa hakynda Kanun" (10-njy maddasy) hem habar üçin görkezip bolar, şeýle hem, bu kanunlarda bellenilen şertlerde tutup saklamagyň mümkinçilikleri göz öňünde tutulýar.

[13] Türkmenistanyň Administratiw hukuk tertibiniň bozulmagy hakyndaky kodeksi (17.12.1984) soňky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen (mundan beýläk – AHTBHK)

[14] Türkmenistanyň Gümrük kodeksi (08.10.1993) soňky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen (mundan beýläk – GK)

[15] Başga üpjün etmek çäreleri – sahsyýetiň özüni barlaşdyryp görmek, zatlaryny barlamak hem-de zatlaryny we dokumentlerini elinden almak (AHTBHK-niň 255-257-nji maddalary)

[16] AHTBHK-niň 253-nji maddasy we GK-niň 84-nji maddasy.

[17] Hut - ownuk huligançylyk edilende, talaňçylyga we graždanlary zorluk bilen göçürmäge, şeýle hem jemgyýetçilik tertibine ýa-da adamlaryň howpsuzlygyna wehim salýan, ýa ilat arasynda dowul döretmäge, myş-myşlaryň we ýalan toslamalaryň ýaýradylmagyna gönükdirilen çagyryşlar bolan materiallar taýýarlananda, saklananda, ýaýradylanda, ýygnaklary, mitingleri, köçe ýörişlerini we demonstrasiýalary guramagyň hem-de geçirmegiň tertibi bozulanda, graždanlaryň milli deň hukuklylygyna hyýanat edilende hem-de Türkmenistanyň territoriýasynyň birbitewiligi zorluk bilen bozulanda içeri işler organlarynyň işgäriniň, harby gullukçynyň, halk druçinaçysynyň, adatdan daşary ýagdaý şertlerinde bolsa, jemgyýetçilik tertibini goramak baradaky öz gulluk wezipesini ýa-da jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirýän beýleki adamlaryň kanuny buýrugyna ýa talabyna

2) serhet goşunlary we serhet gözegçiligi organlary - serhet gözegçiliginiň zolagynda, serhet zonasynda we Döwlet serhediniň üstünden geçiriş punktlarynda serhet düzgünini üpjün etmek üçin bellenilen döwlet serhedini kesip geçmegiň tertibi ýa-da kadalary bozulanda;

3) goralýan obýektiň ýerleşýän ýerinde harbylaşdyrylan saklawyň starşiý wezipeli adamy — goralýan obýektlere, beýleki döwlet ýa-da jemgyýetçilik emlägine hyýanatçylyk edilmegi bilen baglanyşykly hukuk tertibi bozulanda;

4) Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Döwlet ýol gözegçiligi gullugy- ýol hereketiniň kadalary bozulan mahaly;

5) aýry-aýry ýeriň (etrabynyň) komendanty-adatdan daşary ýagdaýyň hukuk düzgüni bozulanda.

6) gümrük kadalary bozanlanda gümrük edarasynyň başlygynyň ýa-da onuň ornuny tutýan adamyň karary esasynda Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary.

### ***2.1.2 Administratiw taýdan tutup saklamak hakyndaky protokoly***[18]

Administratiw taýdan tutup saklamak hakynda protokol[19] düzülýär, onda şu aşakdakylar görkezilýär: protokolyň düzülen güni we ýeri, protokoly düzen adamyň wezipesi, familiýasy, ady we atasynyň ady; tutulyp saklananyň şahsyýeti hakyndaky maglumatlar; haýsy wagtda we nähili deliller bilen tutulyp saklanypdyr. Protokola ony düzen wezipeli adam we tutulyp saklanan adam gol çekýär. Tutulyp saklanan adam protokola gol çekmekden boýun gaçyran mahalynda protokolda bu barada ýazylyp bellik edilýär.

### ***2.1.3 Administratiw taýdan tutup saklamagyň möhletleri***[20]

Administratiw hukuk tertibini bozan adamyň administratiw taýdan tutulyp saklanmagy, adatça, üç sagatdan köp dowam etdirilip bilinmez. Aýratyn halatlarda, aýratyn zerurlyk sebäpli Türkmenistanyň kanunçylyk aktlary arkaly administratiw taýdan tutup saklamagyň başga möhletleri bellenip bilner.

Serhet gözegçiliginiň zolagynda, serhet zonasynda we Döwlet serhediniň üstünden geçiriş punktlarynda serhet düzgünini üpjün etmek üçin bellenilen döwlet serhedini kesip geçmegiň tertibini ýa-da kadalaryny bozan adamlar protokol düzmek üçin üç sagada çenli tutulyp saklanyp bilner, düzgüni bozujynyň şahsyýetini anyklamak we hukuk tertibiniň bozulmagynyň ýagdaýlaryny takyklamak üçin zerur halatlarda bolsa — üç gije-gündize çenli tutulyp saklanyp bilner, şunda bu barada onuň tutulyp saklanan pursatyndan başlap, ýigrimi dört sagadyň dowamynda prokurora hat üsti bilen habar berilýär ýa-da eger düzgüni bozujylaryň öz şahsyýetlerini tassyklaýan dokumentleri bolmasa, prokuroryň sanksiýasy bilen on gije-gündize çenli tutulyp saklanyp bilner.

Ownuk huligançylyk edenleri, ýygnaklary, mitingleri, köçe ýörişlerini we demonstrasiýalary geçirmegiň tertibini bozanlary, harytlary ýa-da beýleki predmetleri bikanun satanlary, şeýle hem olaryň jelepçilik bilen meşgullanýandyklary ýa-da jelepçilik edýänler bilen jyns aragatnaşygyny edýändikleri barada ýeterlik esaslaryň bardygy sebäpli, işe

---

bulkastlaýyn boýun bolunmanda, daşary ýurt walýutasy we töleg dokumentleri bilen bikanun operasiýalar edilende, harytlar ýa-da gaýry predmetler bikanun satylanda, ownuk spekulýasiýa edilende, jemgyýetçilik ýerlerinde spirtli içgiler içilende ýa-da jemgyýetçilik ýerlerinde pýan ýagdaýda peýda bolnup, adam mertebesi we jemgyýetçilik ahlagy masgaralananda, adam jelepçilik bilen meşgullanýan diýip hasap etmäge ýeterlik esas bar bolan halatlarynda jelepçilik bilen meşgullanýan şahs bilen jyns aragatnaşygynyň edilmegi bilen, aw awlamak, balyk tutmak we balyk zapaslaryny gorap saklamak kadalarynyň bozulmalaryna hem-de haýwanat dünýäsini goramak we ondan peýdalanmak baradaky kanunlaryň beýleki bozulmalaryna ýol berlende, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylyk aktlarynda gös-göni göz öňünde tutulan beýleki halatlarda.

[18] AHTBHK-niň 252-nji maddasy

[19] AHTBHK-niň 246-249-njy maddalary boýunça administratiw taýdan tutup saklamak hakyndaky protokolyny administratiw hukuk tertibiniň bozulmagy hakyndaky protokolyndan tapawutlandyrmaly

[20] AHTBHK-niň 254-nji maddasy

seredilýänçä olar sudýalar tarapyndan ýa-da içeri işler edaranyň başlygy[21] (edaranyň orunbasary) tarapyndan saklanyp bilner.

Administratiw taýdan tutup saklamagyň möhleti düzgüni bozujynyň protokol düzmek üçin getirilen pursatyndan[22], pýan ýagdaýdaky adamyňky bolsa onuň aýňalan wagtyndan hasaplanýar.

***2.1.4 Administratiw taýdan tutup saklamak barada mälim etmegi[23].***

Administratiw hukuk tertibini bozanlygy üçin tutulyp saklanan adamyň haýyşy boýunça onuň bolýan ýeri barada onuň dogan-garyndaşlaryna, işleýän ýa okaýan ýeriniň administrasiýasyna mälim edilýär. Kemala gelmedigiň tutulyp saklananlygy barada onuň ata-enesine ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlara mälim etmek hökmany bolup durýar.

***2.1.5 Düzgüni bozujynyň administratiw taýdan tutulyp saklanmagy barada şikaýat edilmegi[24]***

Düzgüni bozujynyň administratiw taýdan tutulyp saklanmagy barada gyzyklanýan adam ýokarda durýan degişli organa (wezipeli adama) ýa-da prokurora şikaýat edip biler.

***2.1.6 Administratiw taýdan tutup saklamak amala aşyrlanda kanunlaryň berjaý edilşine prokuror gözegçiligi[25]***

Prokuratura administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işler ýöredilen mahalynda kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edende aşakdakylara haky bardyr:
- administratiw hukuk tertibiniň bozulmagy hakyndaky işi ýöretmegi gozgamaga;
- işiň materiallary bilen tanyşmaga;
- iş ýöredilende organlaryň (wezipeli adamlaryň) hereketiniň kanunylygyny barlamaga;
- işe garamaga gatnaşmaga;
- işe garalýan wagtynda ýüze çykýan meseleler barada haýyş bildirmäge, netije çykarmaga;
- degişli organlaryň (wezipeli adamlaryň) administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary üçin täsir ediş çärelerini ulanyşynyň dogrulygyny barlamaga;
- administratiw hukuk tertibiniň bozulmagy hakyndaky iş baradaky şikaýat boýunça karara we çözgüde protest bildirmäge;
- kararyň ýerine ýetirilmegini togtatmaga;
- administratiw taýdan tutup saklamaga bikanun sezewar bolan adamlary boşatmaga;
- kanunda göz öňünde tutulan beýleki hereketleri etmäge.

**2.2 Jenaýat iş ýörediş hereket hökmünde tutup saklamak.**

Jenaýat iş ýörediş hereketi manysynda tutup saklamak diýilende tutup saklananyň jenaýata degişlidigini mälim etmek we tutup saklanana mynasyp öňüni alyş çäresini ulanmak

[21] AHTBHK-niň 269-njy maddasy administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işleriň garalmagynyň dürli möhletlerini belleýär. Olar (işiň görnüşine baglylykda) isi garamaga ygtyýarly edarasy (wezipeli adamy) administratiw taýdan tutup saklamak hakyndaky protokolyny alandan gününden başlap bir gije-gündizden 15 güne çenli tapawutlanyp bilýär. AHTBHK-niň 248-nji maddasyna laýyklykda administratiw taýdan tutup saklamak hakyndaky protokoly ygtyýarly edara (wezipeli adama) haýal etmän gönükdirilmeli. Şeýlelikde, tutulyp saklanan hukuk bozanlar administratiw taýdan tutp saklamagyň şertlerinde 15 güne çenli azatlydan mahrum edilip bilner.

[22] AHTBHK-niň 250-nji maddasy getirmegi mümkin bolan gysga möhletiniň içinde amala aşyrmagyny talap edýär.

[23] AHTBHK-niň 252-nji maddasy

[24] AHTBHK-niň 258-nji maddasy

[25] Kostitusiýanyň 110-njy maddasy, AHTBHK-niň 242, 281-282 we 287-nji maddalary we „Türkmenistanyň Prokuraturasy hakynda“ Türkmenistanyň Kanunynyň (26.06.1992, soňky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen) 19-20-nji maddalary (mundan beýläk – „Prokuratura hakynda“ Kanuny)

baradaky soragy çözmek ýa-da oni tussaglykdan boşatmak maksady bilen jenaýat edendir öýdülýän adamy gysga wagtlyk azatlykdan mahrum edilşi düşünilýär[26].

Kanunlygyň üpjün ediş çäreleri we tutulyp saklananlaryň hukuk ýagdaýy degişli JPK-niň[27], "Jenaýat edendir öýdülip çak edilýan adamlary gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda Düzgünnamanyň"[28] kadalary we başga Türkmenistanyň kanunçylygy[29] bilen sazlanýar. Tutulyp saklanylanlaryň haklary we borçlary bardyr we olar Türkmenistanyň raýatlaryna degişli kanunçylygy bilen bellenýär we „Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda Düzgünnamada" göz öňünde tutulýan hem-de tutulyp saklananlaryň tussag ediş ýerlerindäki düzgünlerden çykyp gelýän çaklendirmeler nazara alynýar.[30]

### *2.2.1. Tutup saklamagy amala aşyrmaga ygtyýarly edaralar.*

JPK-niň 127 maddasy anyklaýyş edaralary („doznaniýe organlary") tutup saklamagy amala aşyrmaga ygtyýarly edaralaryň hataryna goýar. Hususan hem, anyklaýyş edaralara degişli:

1) polisiýa;
2) goşun bölümleriň birikmeleriň serkerleri, harby edaralaryň başlyklary–özlerine tabyn harby gullukçylaryň eden ähli jenaýatlary hem-de harby borçlularyň, okuw ýygnanyşyklaryny geçýän wagtlarynda eden ähli jenaýatlary hakyndaky işler barada, harby edaralarda we goşun bölümlerinde işleýän harby gullukçy däl adamlaryň özleriniň gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglanşykly eden, ýa hem edaranyň ýa-da goşun bölüminiň ýerleşýän ýerinde eden jenaýatlary hakyndaky işler barada;
3) milli howpsuzluk edaralary – kanun boýunça özleriniň garamagyna degişli edilen işler barada;
4) Serhet goragynyň edaralary – döwlet serhetiniň we serhet düzgüniniň bozulanlygy hakyndaky işler barada;
5) Düzediş-zähmet edaralarynyň başlyklary – şol edaralaryň işgärleriniň gulluk etmegiň bellenen tertibine garşy eden jenaýatlary hakyndaky işler barada, şonuň ýaly-da düzediş-zähmet edarasynyň ýerleşýän ýerinde edilen jenaýatlar hakyndaky işler barada;
6) ýangyna garşy döwlet gözegçilik edaralary – ýangynlar hakyndaky we ýangyna garşy kadalaryň bozulmagy hakyndaky işler barada.

---

[26] Tutup saklanma sezewar edilen adamlar, mundam beýläk "tutulyp saklanan" diýip tutulýar.
[27] JPK-niň 132-nji maddasy
[28] SSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň 4203-IX (13.07.1976) karary bilen tassyklanan „Jenaýat edendir öýdülip çak edilýan adamlary gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda Düzgünnama"(mundan beýläk – „Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda Düzgünnama"
[29] Seret, mysal üçin, „Türkmenistanyň milli howpsuzlyk edaralary hakynda" Türkmenistanyň Kanuny (19.04.1993 soňky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen) (mundan beýläk – „Milli howpsuzlyk edaralary hakynda" Kanun, „Türkmenistanyň Serhet Goşunlary hakynda" Türkmenistanyň Kanuny (10.12.1998 soňky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen) mundan beýläk „Serhat Goşunlary hakynda" Kanun, „Polisiýa hakynda" Kanuny, „Türkmenistanyň Içerki Goşunlary hakynda" Türkmenistanyň Kanuny (07.07.2001, soňky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen) mundan beýläk – „Içerki Goşunlary hakynda" Kanun, „Terrorçylyga garşy göreş hakynda" Türkmenistanyň Kanuny (15.08.2003, mundan beýläk - „Terrorçylyga garşy göreş hakynda" Kanun
[30] Jenaýat edendir öýdülip tutulyp saklanan daşary ýurt raýatlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuk ýagdaýy „Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasy" we başga bu adamlaryň Türkmenistanyň çäginde bolýan wagtynda haklaryny we borçlaryny göz öňünde tutýan Türkmenistanyň kanunçylygynyň namalary we Türkmenistanyň halkara şertnamalary bilen bellenilýär. Mysal üçin, „Türkmenistandaky daşary ýurt graždanlaryň hukuk ýagdaýy hakynda" Türkmenistňnyň Kanunynyň (08.10.1993 ý. soňky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen, mundan beýläk – „Daşary ýurt graždanlaryň hukuk ýagdaýy hakynda") 21-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlaryň özlerine degişli şahsy, emläk, maşgala we beýleki hukuklaryň goralmagy üçin öz ýurtlarynyň diplomatik wekilhanalaryna we konsullyk edaralaryna ýüz tutmaga hukugy bardyr.

### *2.2.2. Tutup saklamak üçin esaslar*[31]

Jenaýat etmekde güman boýunça tutup saklamak diňe Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň rugsady bilen aýry-aýry prosesual hereketler amala aşyrylan mahaly kanunylygy üpjün etmek baradaky döwlet toparynyň[32] gowşurmasy arkaly we aşakdaky üçünji paragrafda görkezilen esaslar boýunça amala aşyrylyp bilner.

Soňa goýup bolmaýan aýratyn halatlarda, agyr we aýratyn agyr jenaýatlar boýunça, şeýle hem Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksiniň[33] 214[34] we 273-nji[35] maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlar boýunça, tutup saklamagyň amala aşyrylmagyna mundan öňdäki paragrafda görkezilen tertibiniň berjaý etmeksiz we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň bir gije-gündiziň içinde alynýan rugsady bilen ýol berilýär.

Anyklaýyş edarasy azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jezalandyrmaga sebäp bolup biljek jenaýaty edendir öýdülýän adamy diňe aşakdaky esaslaryň biri bolan mahalynda saklamaga haklydyr:

1) şol adamyň jenaýat edip durka ýa-da edil jenaýat eden dessine üstünden barlan mahalynda;
2) gözleri bilen gören, şol sanda heläkçilik çeken adamlar jenaýat eden hut şu adam diýip gös-göni görkezen mahalynda;
3) jenaýat edendir öýdülip çak edilýän adamynyň üstünde ýa-da onuň egin-eşiginde, onuň ýanynda ýa-da onuň ýaşaýan jaýynda şol jenaýatyň görnetin yzlary tapylan mahalynda.

Jenaýat edendir öýdüp adama betgüman bolmasa esas berýän beýleki maglumatlar bar mahalynda ol adam diňe şeýle halatda, ýagny eger-de ol adam gaçjak bolup synanyşsa ýa-da onuň belli bir mekan tutup ýaşaýan ýeri ýok bolsa, ýa-da betgüman bolunýan adamyň kimdigi belli edilmese, diňe şeýle halatda tutulyp saklanyp bilner.

Kämillik ýaşyna ýetmediklere tutup saklama diňe aýratyn ýagdaýlarda amala aşyrlyp bilner, ýagny agyr jenaýat edilen mahalynda, ýokardaky getirilen esaslaryň berjaý etmekliginde.

### *2.2.3. Tutup saklamagy dogrusyndaky teswirnama (“protokol”)*[36]

Jenaýat edendir öýdülip çak edilýän adamynyň tutulyp saklanan her bir halaty hakynda anyklaýyş edarasy tutup saklamanyň esaslaryny, delillerini, gününi, we sagadyny, ýylyny we aýyny, ýerini, tutulyp saklanan adamyň beren düşündirişini hem-de teswirnamanyň düzülen wagtyny görkezmek bilen teswirnama düzmäge borçludyr.

Tutup saklamagy dogrusyndaky teswirnama ony düzen adam we tutulyp saklanan adam gol çekýärler. Eger tutulyp saklanan teswirnamany gol çekmekden ýüz dönderse, bu hakda teswirnamada gerekli bellik edilýär.

---

[31] JPK-niň 131-nji we "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasynyň" 2-nji maddalary .
[32] Türkmenistanyň „Jenaýat işlerini gozgamagyň tertibi hakynda“ Konstitusiýon Kanuny (12.05.2000 ý.) – (mundan beýläk „Jenaýat işlerini gozgamagyň tertibi hakynda“ Konstitusiýon Kanuny) we „Aýry-aýry prosesual hereketler amala aşyrylan mahaly kanunylygy üpjün etmek baradaky toparlar hakynda“ Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany (№ ПП-3110 , 12.05.2000 ý.) (mundan beýläk - „Aýry-aýry prosesual hereketler amala aşyrylan mahaly kanunylygy üpjün etmek baradaky toparlar hakynda“ Permany.
[33] Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksi (12.06.1997, soňky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen) mundan beýläk – JK)
[34] Türkmenistanyň Döwlet serhedinden bikakun geçilmegi
[35] Bikanun ýaragly düzümleri döretmek ýa-da şoňa gatnaşmak
[36] JPK-niň 82, 105-107-nji we 131-nji we "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasynyň" 3-nji maddalary

**_2.2.4. Tutup saklamak möhleti we tutup saklamagyň esaslandyrylandygyna prokuror tarapyndan gözegçilik_**[37]

Jenaýat edilendir öýdülip çak edilýän adamynyň tutulyp saklanan pursadyndan başlap ýigrimi dört sagadyň içinde anyklaýyş edarasy bu hakda prokurora habar bermelidir.

Adamyň tutulyp saklanandygy hakyndaky habaryň gowşan pursadyndan başlap kyrk sekiz sagadyň içinde prokuror tussag etmek üçin ygtyýar (sanksiýa) bermelidir ýa-da boşatmalydyr.

Jenaýat edilendir öýdülýän adamy tutup saklamagyň umumy möhleti, hähili bolanda-da, tutulyp saklanan pursadyndan başlap ýetmiş iki sagatdan artyk bolup bilmez. Eger jenaýat edendir öýdülýäni tutup saklamagyň esaslary tussag etmek üçin prokuroryň ygtyýary (sanksiýasy) alynmazdan öň aradan aýrylan bolsa, anyklaýyş edarasy tutulyp saklanan adamy derrew boşatmalydyr.

Jenaýat edilendir öýdülip çak edilýän adamynyň tutup saklamagyň möhleti ol adamyň anyklaýyş edarasyna ýa-da sülçüniň ýanyna getirilen pursadyndan başlap, eger-de şol adam anyklaýyş edarasy ýa-da sülçi tarapyndan tutup saklamak hakynda çykarylan kararyň esasynda tutulyp saklanan bolsa, onda onuň hakyky tutulyp saklanan pursadyndan başlap hasaplanylýar.

**_2.2.5. Tutulyp saklanan adamdan sorag edilmegi_**

Tutulyp saklanan onuň tutulyp saklanmagy üçin ýa-da ol barada ätiýaçsyzlandyryş çärelerini seçip almak üçin esas bolan ýagdaýlar babatynda, şonuň ýaly-da iş üçin ähmiýeti bolan başga ýagdaýlar babatynda sorag edilýär.[38]

Her gezek sorag edilende teswirnama (protokol) yazylýar.[39]

Zerur bolan ýagdaýlarda, sorag terjimeçiniň gatnaşmagy bilen geçirilip bilner, bu barada hem teswirnamada görkezilýär.[40]

**_2.2.6. Tutulyp saklanýandygy hakynda maşgalasyny habardar etmek_**[41]

Jenaýat edilendir öýdülip çak edilýän adamynyň tutulyp saklanýandygy hakynda anylaýyş edarasy ýa-da sülçi şol adamynyň ýaşaýan ýeri mälim bolsa, onda onuň maşgalasyny habardar edýär. Adam agyr jenaýat edendir öýdülip çak edilmegi boýunça tutulyp saklanan mahalynda bu hakda onuň maşgalasyny habardar etmeklik jenaýat işi boýunça hakykatyň anyklanylmagyna päsgel bermejek bolsa amala aşyrylýar.

Kämillik ýaşyna ýetmedigiň tutulyp saklanmagy halynda hökman onuň ata-enesi ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar habardar edilýär.

**_2.2.7. Tutulyp saklananlar üçin ýuridiki kömegi._**[42]

Tutulyp saklanan goranmak hukugy bilen üpjün edilýär. Tutulyp saklanan mahalynda tutulyp saklanana tutup saklamak barada teswirnamanyň (protokolyň) yglan edilen pursatyndan başlap, ýigrimi dört sagatdaň gijä galdyrman aklawçynyň işe gatnaşmagyna ýol berilýär.

Aklawçy hökmünde adwokatlar, kärdeşler arkalaşyk we beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri çykyş edip bilerler. Aklawçylar hökmünde aýyplanýanyň ýakyn garyndaşlary we beýleki aklawlanýanyň wekiller işe gatnaşdyrylyp bilner. Eger adamlaryň

---

[37] JPK-niň 7, 134-nji maddalary we "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasynyň" 3, 4-nji maddalary
[38] JPK-niň 70-nji maddasy
[39] JPK-niň 105-107-nji, 199-200-nji maddalary
[40] JPK-niň 12-nji, 145-146-njy, 160-njy we 199-njy maddalary.
[41] "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasynyň" 5-nji maddasy.
[42] JPK-niň 50-nji maddasy

birini aklamagyň bähbitleri beýlekilerini aklamagyň bähbitlerine ters gelýän bolsa bir aklawçy birnäçe adamy aklap bilmez.

Aklawçy tutulyp saklanan, onuň kanuny wekili tarapyndan hem-de tutulyp saklananyň tabşyrmagy boýunça ýa-da onuň razylyk bermegi bilen başga adamlar tarapyndan işe gatnaşmaga çagyrylýar. Tutulyp saklananyň haýyş etmegi boýunça anyklaýyş geçiröän adam, sülçi. Prokuror we kazyýet aklawçynyň işe gatnaşmagyny üpjün edýär.

Tutulyp saklanan tarapyndan seçilip alnan aklawçynyň işe gatnaşmagy JPK-da bellenilen möhletinde mümkin bolmadyk halatlarda, anyklaýyş geçirýän adam, sülçi we kazyýet başga aklawçyny çagyrmagy tutulyp saklanana teklip etmäge ýa-da tutulyp saklan üçin hukuk maslahathana arkaly aklawçy bellemäge haklydyr.

Hukuk maslahathanasynyň müdiri ýa-da adwokatlar kallegiýasynyň müdiriýeti, şeýle hem işi ýöredýän anyklaýyş edarasy, prokuror, kazyýet kanunda göz öňünde tutulan tertibinde doly ýa-da bölekleýin ýuridiki kömegi üçin töleginden boşatmaga haklydyrlar.

Eger-de tutulyp saklanan ýuridiki kömegi üçin töleginden hukuk maslahathanasynyň müdiri ýa-da adwokatlar kollegiýasynyň müdiriýeti bilen boşadylan bolsa, adwokatyň zähmeti üçin tölegi adwokatlar kollegiýasynyň serişdeleriň hasabyndan tölenýär.

Tutulyp saklanan yurudiki kömegi üçin tölekden anyklaýyş edarasy, prokuror, kazyýet bilen boşadylanda adwokatlaryň zähmeti üçin tölegi hökümetiň hasabyndan Ministrler Kabineti bilen bellenilen tertibinde tölenýär. Adwokatyň zähmeti hökümetiň hasabyndan töleninde anyklaýyş geçirýän adam, sülçi, prokuror - karar, kazyýet bolsa – anyklama çykarýalar. Adwokatyň zähmeti üçin tölegini hökümetiň hasabyndan tölenmegi barada karar we anyklama hukuk maslahathana habar üçin, maliýe edarasyna hem – ýerine ýetirmek üçin gönükdirilýär. Hukuk maslahathanasyna tölenilýän pul möçberi raýatlara ýuridiki kömeginiň töleglerini ugrukdyrýan kadalar bilen bellenilýär.

### *2.2.8. Tutulyp saklananlary saklawly jaýlara salmak*

Tutulyp saklanmagy dogrusyndaky teswirnama tutulyp saklanan adamlary saklawly jaýlara salmak üçin esas bolup durýar.[43]

### *2.2.9. Tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan jaýlary*

Tutulyp saklanan adamlar, tutulyp saklananlar üçin kameralarda, aýratyn halatlarda bolsa şol maksatlar üçin ýörite enjamlaşdyrylan we kesgitlenen talaplaryna laýyk gelýän beýleki jaýlarda hem saklanylýar.[44]

### *2.2.10. Tutulyp saklananlaryň saklanýan ýerlerindäki düzgün*[45]

Tutulyp saklanan adamlaryň ýany dökülýär, zerur mahalynda bolsa olaryň barmaklarynyň yzy alynýar we olar surata düşürilýär, bu dogruda teswirnama düzülýär. Tutulyp saklananlaryň ýanyndaky zatlar gözden geçirilmelidir.

Tutulyp saklananlaryň ýanynda pul, gymmat bahaly zat, şeýle hem tutulyp saklananlaryň saklanylýan ýerlerinde saklamaga ygtyýar berilmeýän zatlary we resminamalary saklamak gadagan edilýär. Olaryň elinden alnan pullar, gymmat bahaly zatlar, agzalyp geçilen zatlar we resminamalar saklamaga tabşyrylýar, bu dogruda teswirnama düzülýär.

---

[43] "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasynyň" 6-njy maddasy". Harby gullukçylar we harby taýdan borçly bolup, ýygnanyşyga çagyrylan adamlar, ýagny jenaýat edendir öýdülip çak edilmegi bilen tutulyp saklanan adamlar anyklaýyş edaralarynyň ýa-da sülçüniň kararynyň esasynda gaupwahta ýollanýar.

[44] "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasynyň“ 7-nji maddasy". Harby gullukçylar we harby taýdan borçly bolup, ýygnanyşyga çagyrylan adamlar, ýagny jenaýat edendir öýdülip çak edilmegi bilen tutulyp saklanan adamlar tutulyp saklananlar üçin kamerada ýa-da gaupwahtada saklanylýar.

[45] "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasynyň" 9-njy maddasy".

### *2.2.11. Tutulyp saklanan adamlary aýry-aýrylykda saklamak*[46]

Tutulyp saklanan adamlar tutulyp saklananlar üçin kameralara çetleşdirmegiň şu aşakdaky talaplaryny berjaý etmek bilen salynýar:

- erkekler aýallardan aýratyn saklanylýar;
- kämillik ýaşyna ýetmedikler ululardan aýry saklanylýar; kämillik ýaşyna ýetmedikleriň saklanylýan kameralarynda ululary saklamaga diňe aýratyn halatlarda prokuroryň ygtyýar(sanksiýa) bermegi arkaly ýol berilýär;
- aýratyn howply residiwistler beýleki adamlardan aýry saklanylýar.

Şol bir jenaýaty edendir öýdülip çak edilmegi bilen tutulyp saklanan adamlar anyklaýyş geçirýän adamynyň, sülçüniň ýa-da prokuroryň hat üsti bilen görkezmesi boýunça aýry-aýrylykda saklanylýar. Anyklaýyş geçirýän adamynyň, sülçüniň ýa-da prokuroryň hat üsti bilen görkezmesi boýunça tutulyp saklananlar başga esaslara görä hem aýry-aýrylykda saklanyp bilner.

### *2.2.12. Tutulyp saklananlaryň hukuklary we borçlary*[47]

Tutulyp saklananlaryň şu aşakdakylara haklary bardyr:

- özlerine nämede betgüman bolunýandygyny bilmäge;
- özleriniň tutulyp saklanmagynyň hukuk taýdan dogrudygyny ýa-da nädogrudygyny prokuroryň barlamagy talap etmäge; tutulyp saklananlaryň saklanylýan ýerlerindäki administrasiýa bu bildirilen talap dogrusynda haýal etmän prokurora habar berýär;
- anyklaýyş geçirýän adamyň, sülçüniň ýa-da prokuroryň hereketleri dogrusynda arz etmäge, düşündiriş bermäge we towakga etmäge;
- Bellenilen tertipde şikaýat we arza bilen döwlet edaralaryna, jemgyýetçilik guramalaryna we wezipeli adamlara ýüz tutmaga;[48]
- Öz geýim-eşigini we aýakgabyny geýmäge, şeýle hem beýleki zerur zatlardan peýdalanmaga. Olaryň sanawy tutulyp saklananlaryň saklanýan ýerlerindäki içerki düzgün-tertibiniň Kadalary bilen kesgitlenýän.[49]

Tutulyp saklanan adamlar şu Düzgünnamanyň talaplaryny hem-de tutulyp saklananlaryň saklanýan ýerlerindäki Içerki düzgün-tertibiň kadalaryny berjaý etmäge borçludyrlar. Tutulyp saklanan adamlar Tutulyp saklananlaryň saklanylýan ýerlerinde bolan mahalynda özleriniň döwlete ýetiren zyýanlary üçin bellenilen tertipde maddy taýdan jogapkärçilik çekýärler.[50]

Tutulyp saklanan adamlara özleriniň hukuklary we borçlary düşündirilýär.[51]

### *2.2.13. Maddy-durmuş taýdan üpjün edilişi we medisina hyzmatynyň edilişi.* [52]

Tutulyp saknalanylan adamlar bellenilen sanitariýa-gigiýena kadalaryna laýyk gelýän şertlerde saklanylýar we medisina taýdan hyzmat etmeklik, tutulyp saklananlaryň saklanýan ýerlerindäki kesel bejeriş-profilaktiki we epidimiýa garşy işler hereket edýän kanunçylyga laýyklykda guralyp amala aşyrylýar.[53]

---

[46] "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasynyň" 9-njy maddasy".
[47] "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasynyň" 10, 14-nji maddalary.
[48] Şu Maglumat Güwänamasynyň 2.14 maddasynda seret.
[49] Şu Maglumat Güwänamanyň düzüjisiniň ygtyýarynda bellenilen Kadalar ýokdur.
[50] Şu Maglumat Güwänamanyň düzüjisiniň ygtyýarynda mundan doly maddy jogapkärçilik barada maglumat ýokdur.
[51] Onuň üstesine-de, JPK-niň 58 maddasy degişli ygtyýarly edarasyny tutulyp saklananlara olaryň hukuklaryny düşündirmekden başga-da, olaryň ýerine ýetirilşiniň mümkimçiligini üpjün etmäge borçly edýär.
[52] "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasynyň" 11 maddasy.
[53] Bu Maglumat Güwänamanyň düzüjisiniň ygtyýarynda bellenilen Kadalar we kanunçylyk ýokdur.

Tutulyp saklanan adamlara bellenilen normalar boýunça nahar, ýatar ýaly ýer we maddy-durmuş üpjünçiliginiň beýleki görnüşleri, zerur halatlarda bolsa möwsüme görä geýim we aýakgap berilýär.

***2.2.14. Tutulyp saklananlara duşuşmaga maý bermek.***[54]

Tutulyp saklananlaryň saklanylýan ýerlerindäki administrasiýa tutulyp saklananlara dogan-garyndaşlary we beýleki adamlar[55] bilen duşuşmaga diňe sülçüniň ýa-da tutulyp saklanylmagy hakyndaky maglumatlar özünde bolan anyklaýyş geçirýän adamynyň hat üsti bilen rugsat bermeginiň netijesinde maý berýär.

Duşuşmagyň dowamlylygy bir sagada çenli wagta bellenilýär.

***2.2.15. Tutulyp saklananlaryň şikaýatlaryny we arzalaryny ýollamagyň tertibi***[56]

Tutulyp saklananlaryň prokuroryň, sülçüniň ýa-da anyklaýyş geçirýän adamynyň adyna ýazan şikaýatlarydyr arzalary haýal edilmän olara gowşurylýar.

Anyklaýyş edarasynyň ýa-da sülçüniň hereketleri baradaky şikaýatlar prokurora dogrudan-dogry ýa-da hereketleri dogrusynda şikaýat edilýän adamyň üsti bilen berilýär. Sülçi ýa-da anyklaýyş edarasy özüne gowşan şikaýaty öz düşündirişleri bilen birlikde bir gije-gündiziň içinde prokurora ibermäge borçludyr. Prokuror sülçüniň ýa-da anyklaýyş edarasynyň hereketleri baradaky şikaýat gowşandan soň üç gije-gündiziň içinde prokurora ibermäge borçludyr. Ret edilen mahalynda prokuror şikaýat haýsy deliller boýunça esassyz hasap edilen bolsa, sol delilleri beýan etmelidir.

Prokuroryň hereketleri we çözgütleri baradaky şikaýat ýokarky prokurora edilýär.

Başga adamlaryň we edaralaryň adyna ýazylan şikaýatlardyr arzalar hem haýal edilmän sülçä ýa-da anyklaýyş geçirýän adama gowşurylýar, olar tarapyndan seredilip çykylýar, şondan soň degişli ýerlerine ýollanýar.

Şikaýatlar hat ýüzünde-de, dilden-de aýdylyp bilner. Dilden aýdylan şikaýatlar teswirnama ýazylýar, sol teswirnama arz ediji we şikaýaty kabul eden adam gol çekýärler.

Özleriniň habar berilmegi jenaýat işi boýunça hakykatyň anyklanmagyna päsgel berip biljek maglumatlary öz içine alýan şikaýatlardyr arzalar degişli ýerlerine ýollanmaýar, olaryň ýollanmandygy şikaýat ýa-da arza beren adama aýdylýar, şeýle hem bu dogruda prokuror habardan edilýär.

Şikaýatyň edilmegi şikaýat edilýän hereketi ýerine ýetirmegiň durzulmagyna sebäp bolmaýar. Emma welin, eger sülçi, anyklaýyş edarasy ýa-da prokuror zerur diýip hasap etse, bular şikaýat edilýän hereketiň ýerine ýetirilmegini togtadyp bilerler.

***2.2.16. Tutulyp saklananlara fiziki taýdan täsir etmek çäreleri.***[57]

Tutulyp saklanan adamlar bettallyk edip, tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerlerindäki işgärlere fiziki taýdan garşylyk görkezýän we güýç ulanyp başga hereketleri edýän bolsalar, onda olaryň daş-töweregindäkilere ýa-da öz-özlerine zyýan ýetirmeginiň öňüni almak maksady bilen olaryň goluna gandal urmaga ýol berilýär, özi-de bu hakda teswirnama düzülýär. Zerurlyk ýüze çykan mahalynda şeýle adamlar tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerlerindäki beýleki tutulyp saklananlardan aýry saklanylyp bilner.

Tutulyp saklanan adam tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerlerindäki işgärleriň ýa-da beýleki adamlaryň janyna gös-göni howp salýan hüjümi ýa-da başga bir bilkastlaýyn hereketi eden halatynda eger-de başga çäreler arkaly şol zeýilli hereketleriň öňüni almak

---

[54] "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasynyň" 12 maddasy.

[55] Olaryň sanyna tutulyp saklananyň adwokaty hem girýändigini çak edilip bilner.

[56] JPK-niň 226-228-nji maddalary we "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasynyň" 13-nji maddasy

[57] "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasynyň" 15-nji maddasy

mümkin bolmasa we beýleki üýtgeşik aýratyn halatlarda ulanylyp gelinýän kanunlara laýyklarda şol adam barasynda aňrybaş çäre hökmünde ýarag ulanylmagyna ýol berilýär. Ýaragyň ulanylmagynyň her bir halaty hakynda tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerlerindäki administrasiýa teswirnama düzmäge we haýal etmän prokurora habar etmäge borçludyr.

### *2.2.17. Tutulyp saklanan adamlary boşatmaga esaslar we onuň tertibi.*[58]

Tutulyp saklanan adamlar şu aşakdaky ýagdaýlarda boşadylýarlar:

1) jenaýat edendir öýdülip edilen betgümançylyk tassyk bolmasa;
2) tutulyp saklanan adam barasynda tussaglykda saklamak görnüşinde ätiýaçsyzlandyrmak çärelerini ulanmagyň zerurlygy ýok bolsa;
3) tutulyp saklanmagyň kanyn arkaly bellenilen möhleti geçip gutarsa.

Tutulyp saklanan adamyny tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýeriniň başlygy anyklaýyş geçirýän adamynyň, sülçüniň ýa-da prokuroryň karary boýunça boşadýar. Boşatmak hakyndaky karar tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerine gelip gowşan badyna haýal etmän ýerine ýetirilýär.

Mundan beýläk tutup saklap oturmaga hiç bir esasyň ýokdugyny anyklanyndan soň şol anyklaýyş geçirýän adam ýa-da sülçi tutulyp saklanan adamyny haýal etmän boşatmaga borçludyr.

Tutup saklamagyň bikanundygyny anyklanyndan soň prokuror tutulyp saklanan adamyny haýal etmän boşatmaga borçludyr.

Tutulyp saklanan adamyny boşatmak ýa-da ol adam barasynda tussaglykda saklamak görnüşinde ätiýaçsyzlandyrmak çärelerini ulanmak hakynda prokuroryň, sülçüniň, ýa-da anyklaýys geçirýän adamynyň çykaran karary eger-de tutup saklamagyň kanun arkaly bellenilen möhletinde tutulyp asklanylan adamlaryň saklanylýan ýeriniň başlygy ol adamyny boşadýar hem-de onuň boşadylandygy hakyndaky habarnamany prokurora, sülçä ýa-da anyklaýyş geçirýän adama ýollaýar, özi-de bu hakda teswirnama düzýär.

Tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerindäki administrasiýa boşadylan adamlary zerur halatda olaryň ýaşaýan ýerlerine mugt ulagly gitmeklerini üpjün edýär; özleriniň haýyş etmegi boýunça olara tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerinde bolan wagtlary hakynda güwänama berilýär.

### *2.2.18. Tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerlerinde kanunçylygyň berjaý edilişine prokuror gözegçiligi.*

Tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerinde kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçilik etmek işi Türkmenistanyň Baş prokurory we onuň tabynlygyndaky prokurorlar tarapyndan amala aşyrylýar.[59]

---

[58] JPK-niň 7-nji maddasy we "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakynda düzgünnamasynyň" 16-njy maddasy

[59] Konstitusiýanyň 110-njy maddasy, JPK-niň 18-nji maddasy, "Gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakyndaky düzgünnamasynyň“ 18-nji maddasy we „Prokuratura hakynda“ Türkmenistanyň Kanunynyň 28-29-njy maddalary 26.06.1992 , soňky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen.

## III. TUSSAG EDILEN (TUSSAG ASTYNA ALNAN) ADAMLARYŇ HUKUK ÝAGDAÝY.

Tussag etmek – aýyplanýan, günäkärlenýän adamy şeýle hem jenaýat edendir öýdülip betgüman bolýan adamy jenaýat etmek bilen baglylykda we bu jenaýat üçin kanuna laýyklykda azatlykdan mahrum ediliş görnüşinde jezasy bellenilip bilinýän mahalynda ätiýaçsyzlandyrmak çäreler hökmünde tussag astyna almagy[60]. Şeýlelikde, "tussag etmek" we "tussag astyna almak" şol bir iş ýörediş hereketini bildirýän ýuridiki düşünjeler bolup durýar, sonuň üçin hem biri-biriniň deregine ulanylyp bilýär. Tussag astyna almak ätiýaçsyzlandyrmak cäre hökmünde, we, adat boýunça, deslapky derňew mahalynda ulanýandygyny nazara alynanda, ony aňlatdyrmak üçin „deslapky tussag etmek" (deslapdan tussagkykda saklamak) düşünjesi hem ulanylýar.

Deslapky tussag etmek tussag astyna alynan adamlaryň derňewden we kazyýetden gizlenmek, jenaýat işi boýunça hakykatyň anyklanylmagyna päsgel bermek ýa-da jenaýat iş bilen meşgullanmak mümkinçiliklerini aýyrmak we hökümiň ýerine ýetirilişini üpjün etmek maksady goýýar.[61]

Deslapky tussag etmek boýunça kanunçylygy deslapky tussag ediş ýeriniň tussag astyna alynan adamlaryň saklamagy boýunça kadalary bellemäge gönükdirilýär. Deslapky tussag etmegiň tertibi degişli JPK-niň kadalary[62], "Deslapky tussag etmek hakynda düzgünnamasy"[63] we beýleki Türkmenistanyň kanunlary bilen kesgitlenilýär.[64]

Tussag astyna alnan adamlaryň hukuklary we borçlary bardyr, olar Türkmenistanyň raýalary üçin kanunçylyk bilen " Deslapky tussag etmek hakynda düzgünnamasy" göz öňünde tutýan hem-de tutulyp saklananlaryň saklanylýan ýerleriniň düzgünlerinden çykýan çäklendirmeler bilen bellenilýärler.[65]

### 3.1. Jenaýat işini gozgamagy we deslapky derňew

Jenaýat işi diňe jenaýat edilendigini görkezýän ýeterlik maglumatlar bar mahalynda gozgalyp bilner.[66]

Jenaýat işini gozgamak hakynda prokuror, sülçi, anyklaýyş edarasy, kazy karar çykaryp, kazyýet bolsa kesgitleme çykaryp, şonda munuň üçin hyzmat eden delilleri we esaslary, iş jenaýat kanunlarynyň haýsy maddasynyň alamatlary boýunça gozgalan bolsa, sol

---

[60] Jenaýat iş ýörediş kanunçylygynyň „Tussagyny" „administrastiw taýdan tussagyndan" tapawutlandyrmalydyr. Eger birinji ýagdaýda tussag günälik meselesi entek garaýiş derejesinde duran adamyna öňüne alyş çäre hökmünde ulanylýan bolsa, „administratiw taýdan tussag" AHTBHK-niň 31-nji maddasyna laýyklykda – bu administratiw kanuny bozmada günäkär diýip ykrar edilen adamyň jogapkärçilik we jeza çäresi.

[61] Deslapky tussag edişiň tertibi hökümleri güýjine girmedik tussaglykda saklanýan aýyplanan adamlara hem ýaýraýar. (JPK-niň 404-nji maddasyna seret).

[62] 88 we 96 maddalary we JPK-niň dokuzynjy bölümine seret.

[63] "Deslapky tussag etmek düzgünnama", SSSR-yň „Deslapky tussag etmek hakynda düzgünnamany tassyklamak hakynda" 11.07.1969 ý. çykan № 4075-VII kanuny bilen tassyklanan.

[64] Seret, mysal üçin, "Milli howsuzlyk organlary hakynda" Kanuny, "Polisiýa hakynda" Kanuny, "Içerki goşunlary hakynda" Kanuny)), "Terrorçylyga garşy göreş hakynda" Kanuny.

[65] JPK-niň 409-njy maddasy we "Deslapky tussag etmek hakynda düzgünnamanyň" 6-njy maddasy
"Deslapky tussag ediliş ýerlerinde saklanylýan daşary ýurt raýatlar we belli bir raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuk ýagdaýy "Deslapky tussag etmek hakynda düzgünnama" we beýleki Türkmenistanyň kanunçylygynyň ol adamlaryň Türkmenistanyň çäginde bolan wagtynda hukuklaryny we borçlaryny kadalaşdyrýan Türkmenistanyň kanunçylygynyň namalary we Türkmenistanyň halkara şertnamalary bilen kesgitlenýär. Mysal üçin, „Daşary ýurt graždanlaryň hukuk ýagdaýy hakynda" Kanunynyň (08.10.1993) 21-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň özlerine degişli şahsy, emläk, maşgala we beýleki hukuklaryň goralmagy üçin öz ýurtlarynyň diplomatik wekilhanalaryna we konsullyk edaralaryna ýüz tutmaga hukugy bardyr.

[66] JPK-niň 118-nji maddasy.

maddany hem deslapky derňew, anyklaýyş ýa-da kazyýet seljerişini geçirmek üçin işiň iberilýän edarasyny görkezýär.[67]

Jenaýat işini gozgamaga Türkmenistanyň kanunçylygynda (öňdäki madda seret), görkezilen esaslarda we tertipde we diňe döwlet hem jemgyýetçilik guramalarynyň wekillerinden ybarat bolan etrap (şäher), welaýat we Aşgabat şäher aýry-aýry prosessual (iş ýörediş) hereketler amala aşyrylan mahaly kanunylygy üpjün etmek baradaky toparlarynyň deslapky ygtyýar bermegi bilen ýol berilýär.[68]

Jenaýat işini gozgamak hakynda karar çykarylandan soň indiki iş ýörediş hereketleriň biri amala aşyrylýar:[69]

1) prokuror işi deslapky derňew ýa-da anyklaýyş geçirmek üçin iberýär;
2) sülçi deslapky derňewi geçirmäge, anyklaýyş edarasy bolsa anyklaýyş geçirmäge girişýär;
3) kazy ýa-da kazyýet işi deslapky derňew ýa-da anyklaýyş geçirmek üçin iberýär ýa-da işi kazyýetiň garamagy üçin ony kabul edýär.

Şeýlelikde, deslapky derňew diňe jenaýat işi gozgalandan soň geçirilýär.[70] Jenaýat işleri boýunça deslapky derňew prokuraturanyň sülçüleri tarapyndan, şonuň ýaly-da jemgyýetçilik tertibini goraýyş edaralarynyň sülçüleri we döwlet howpsuzlyk edaralarynyň sülçüleri tarapyndan geçirilýär.[71] Iş boýunça deslapky derňew geçirilende kabul edilen çözgütler hakynda sülçi karar çykarýar.[72]

Belli bir adamyň jenaýat edendigini görkezýän ýeterlik subutnamalar bar mahalynda, sülçi şol adamy aýyplanýan hökmünde jogapkärçilige çekýär,[73] we bu hakda delillendirilen karar çykarýar.[74] Aýyplanýan hökmünde jogapkärçilige çekmek hakyndaky kararda: sol adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan ýyly, kemala gelmedik adam barada bolsa doglan aýy we güni-de, şol adam haýsy jenaýaty etmekde aýyplanýan bolsa, şol jenaýat görkezilmelidir, onsoňam jenaýatyň edilen wagty, ýeri we başga ýagdaýlary işiň materiallary boýunça takyklanan bolsa, şu zatlar görkezilmelidir. Eger aýyplanýana jenaýat kanunynyň dürli maddalarynda göz öňünde tutulan birnäçe jenaýatlar ýüklenýän bolsa aýyplanýan hökmünde jogapkärçilige çekmek hakyndaky kararda jenaýat kanunynyň maddalarynyň her biri boýunça aýyplanýana nähili belli hereketler ýüklenilýändigi görkezilmelidir.

Aýyplanýanyň: özüniň nämede aýyplanýandygyny bilmäge we özüne ýüklenen aýyp boýunça düşündiriş bermäge; subutnamalary getirip görkezmäge; haýyşyny aýtmaga; anyklaýyş ýa-da deslapky derňew gutarandan soň işiň ähli materiallary bilen tanyşmaga; aklawçy tutmaga; birinji basgançakly kazyýetde kazyýet seljerişine gatnaşmaga; sowgut (otwod, garşy çykylmak) bermäge; anyklaýyş geçirýän adamyň, sülçüniň, prokuroryň, we kazyýetiň hereketleri hem-de çözgütleri barada şikaýat etmäge haky bardyr.[75]

---

[67] JPK-niň 122-nji maddasy.

[68] „Jenaýat işlerini gozgamagyň tertibi hakynda“ Konstitusiýon Kanunynyň 2-nji maddasy we „Aýry-aýry prosessual hereketler amala aşyrylan mahaly kanunylygy üpjün etmek baradaky toparlar hakynda“ Permanynyň 1-nji maddasy we JPK-niň 118, 122-nji maddalary.

[69] JPK 125-nji maddasy.

[70] JPK 137-nji maddasy.

[71] JPK 139-njy maddasy.

[72] JPK 153-nji maddasy. Kararda onuň düzülen ýeri we wagty, sülçüniň wezipesiniň ady, klasly çini, ýa-da harby ady, onuň familiýasy, derňew geçirilýän iş, kabul edilýän çözgüdiň düýp mazmuny we esaslandyrylyşy hem-de karar JPK-niň haýsy maddasy esasynda düzülen bolsa, sol madda görkezilýär. Karara sülçi gol çekýär.

[73] Aýyplanýan hökmünde jogapkärçilige çekmek hakynda JPK–inde bellenen tertipde karar çykarylyp, jogapkärçilige çekilen adam aýyplanýan diýlip hasap edilýär. (JPK-niň 49-njy maddasyna seret). Aýyplanýan adamyň işi kazyýete geçenden soň sud edilýän diýlip atlanylýar; Aýyplanýan adamyň aýyplamak hakynda aýyplaýyş hökümi çykarylandan soň ol iş kesilen diýlip atlanylýar.

[74] JPK-niň 194-nji maddasy.

[75] JPK-niň 49-njy maddasy. Aýyplanýanyň hukuklary bu Maglumat Güwänamasynyň dowamynda has doly düşündirilýär.

Ýüklenýän aýyp aýyplanýan hökmünde jogapkärçilige çekmek hakynda karar çykarylan gününden beýläk iki gije-gündizden gijä goýulman we her halda bolsa-da aýyplanýanyň gelen ýa-da onuň mejbury getirilen güni yglan edilmelidir.[76] Eger aýyplanýan derňewden gaçyp gizlenen bolsa, ýüklenýän aýyby ýglan etmek möhletiniň arasy üzülýär.

Sülçi aýyplanýanyň şahsyýetine göz ýetirensoň, aýyplanýan hökmünde jogapkärçilige çekmek hakyndaky karary oňa yglan edýär we ýüklenýän aýybyň mazmunyny hem-de aýyplanýana onuň hukuklaryny düşündirýär we bu hakda şol kararda bellik edilýär. Şol hereketleriň ýerine ýetirilendigi aýyplanýan hökmünde jogapkärçilige çekmek hakyndaky karara aýyplanýanyň we sülçüniň gol çekmegi bilen tassyklanýar, onsoňam ýüklenýän aýybyň ýglan edilen senesi görkezilýär. Aýyplanyan gol çekmekden ýüz dönderen mahalynda, sülçi aýyplanýana kararyň tekstiniň ýglan edilendigini şol kararda tassyklaýar we bu hakda prokurora mälim edýär.[77]

Aýyplanýana onuň hukuklary düşündirilmelidir we şol hukuklary amala aşyrmaga mümkinçiligini üpjün etmelidir.[78]

Anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror, kazyýet ätiýaçsyzlandyrmak çäresi hökmünde tussag etmekligiň seçilip alnandygy hakynda aýyplanýanyň maşgalasyna habar berýär.[79]

Ähli derňew hereketleriniň alnyp barşy barada teswirnamalar yöredilýär, olaryň sypaty we düzüş tertibi kanunlar bilen takyklanylýar.[80]

Deslapky derňewiň möhletleri deslapky tussaglyk möhletleri bilen deň gelýärler. Olar barada güwänamaň dowamynda gürrüň beriler.[81]

Deslapky derňewiň geçirilmegi:

1) aýyplaýyş haty ýanyna goşulyp işiň kazyýete iberilmegi bilen, ýa-da
2) medisina häsietindäki mejbury çäreleri ulanmak hakyndaky meselä garamak üçin işiň kazyýete iberilmegi bilen, ýa-da
3) jenaýat işiniň ýatyrylmagy bilen;
4) jenaýat işiniň ýatyrylmagy bilen we işiň kazyýete administratiw çärelerini ulanmak üçin iberilmegi bilen.[82]

Toplanan subutnamalary aýyplamak hatyny düzmek üçin ýeterlikli diýip hasap edenden soň, sülçi aýyplanýanyň işi boýunça derňewiň gutarandygyny we onuň işiň ähli

---

[76] Aýyplanýanyň gelmeginiň tertibi JPK-niň 196-njy maddasynda bellenýär:
"Aýyplanýan adam sülçüniň çagyrmagy boýunça bellenen möhletinde gelmäge borçludyr. Ol öz ýaşaýan ýerini üýtgedende sülçä habar bermelidir.
Sülçüniň çagyryşy boýunça aýyplanýanyň gelmänligine şu aşakdakylar zerur sebäpler diýlip hasap edilýär:
1) onuň gelmegine mümkimçilik bermeýän kesel;
2) oňa çagyryş hatynyň öz wagtynda gowuşmanlygy;
3) Ony bellenen möhletinde gelmek mümkinçiliginden hakykat ýüzünde mahrum edýän başga ýagdaýlar.
Aýyplanýan zerur sebäpsiz gelmedik mahalynda mejbury getirilip bilner.
Aýyplanýanyň gaýra goýulmasyz halatlardan başga wagtda gijesinde mejbury getirilip bilinmez.
Aýyplanýan derňewden gizlenýän mahalynda ýa-da onuň belli bir ýaşaýan ýeri bolmadyk mahalynda, diňe şonda ol öňünden çagyrylman mejbury getirilip bilner.
Aýyplanýany mejbury getirmek hakynda sülçi karar çykarýar. Sülçüniň tabşyrygy boýunça mejbury getirmek işi polisiýa edaralary tarapyndan geçirilýär, bu edaralar şol karary aýyplanýana yglan edýärler.

[77] JPK-niň 197-nji maddasy. Eger yglan edilen aýyby üýtgetmek ýa-da onuň üstüni ýetirmek zerurlygy deslapky derňew geçirilýän wagtynda ýüze çykýan bolsa, sülçi JPK-niň 194, 197-nji we 198-nji maddalarynyň talaplaryny berjaý etmek bilen, aýyplanýana ýüklenýän täze aýyby ýglan etmäge we täze aýyplama boýunça ondan sorag etmäge borçludyr. Eger ýüklenen aýybyň haýsy-da bolsa bir bölegi deslapky derňewiň barşynda tassyklanmadyk bolsa, sülçi aýyplamanyň şol bölegi boýunça jenaýat işini öz karary bilen ýatyrýar we bu hakda aýyplanýana yglan edýär. (JPK-niň 201-nji maddasy).

[78] JPK-niň 58-nji maddasy.

[79] JPK-niň 100-nji maddasy.

[80] JPK-niň 82-nji, 105-107-nji maddalary.

[81] Su maglumat güwanamanyň 3.3 bölümini seret.

[82] JPK-niň 207-nji maddasy.

materiallary bilen hut özüniň-de tanyşmaga, aklawçynyň kömegi bilen-de tanyşmaga, şonuň ýaly-da, deslapky derňewiň üstüniň ýetirilmegi hakynda haýyşyny aýtmaga hakynyň bardygyny oňa ýglan edýär.[83]

Sülçi aýyplanýany we onuň aklawçysyny işiň ähli materiallary bilen tanyşdyrandan soň, iş boýunça aýyplaýyş hatyny düzýär we işi prokurora iberýär. Her bir aýyplanýana aýyplaýyş hatynyň kopiýasy iş bilen birlikde iberilýär.[84]

Prokuror gowşan işe bäş gije-gündizden uzaga çekdirmän garamaga we şol iş boýunça aşakdaky çözgütleriň birini kabul etmäge borçludyr:

1) aýyplaýyş haty öz rezolusiýasy bilen tassyklamalydyr;
2) goşmaça barlag geçirmek üçin özüniň ýazyp beren görkezmeleri bilen işi anyklaýyş edarasyna ýa-da sülçä gaýtarmalydyr;
3) işi ýöretmegi ýatyrmak hakynda delillendirilen karar çykaryp, ony aýry-aýry prosessual hereketler amala aşyrylan mahaly kanunylygy üpjün etmek baradaky welaýat, şäher, etrap toparlaryň rugsady bilen ýatyrmalydyr; [85]

Aýyplaýyş haty kesgitlenen görnüşine laýyk gelmedik mahalynda, prokuror özüniň ýazyp beren görkezmeleri bilen işi aýyplaýyş hatyny ýaňadan düzmek üçin anyklaýyş edarasyna ya-da sülçä gaýtarmaga haklydyr.[86]

Prokuror ýa-da onuň orunbasary özüniň delillendirilen karary bilen aýyplaýyş hatyndan ýüklenýän aýyplaryň aýry-aýry böleklerini aýyrmaga hem-de ýeňilräk jenaýat hakyndaky kanuny ulanmaga haklydyr. Şonda, zerur bolan halatda, täze aýyplaýyş haty düzülýär. Eger ýüklenýän aýyby has agyr aýyp bilen ýa-da hakykat ýüzündäki ýagdaýlar boýunça ilki başdaky aýypdan düýpli tapawutlanýan aýyplama bilen çalşyrmak gerek bolsa, prokuror ýa-da onuň orunbasary ýüklenýän täze aýyby ýglan etmek üçin işi anyklaýyş edarasyna ýa-da sülçä gaýtaryp berýär.[87]

Eger täze aýyplaýyş hatynyň düzülmegi aýyplamanyň üýtgedilip has agyr aýyplama bilen çalşyrylmagyna alyp barmaýan bolsa, prokuror ýa-da onuň orunbasary işi derňewiň üstüni ýetirmek üçin ibermän, täze aýyplaýyş hatyny düzmäge haklydyr. Şonda, ozal düzülen aýyplaýyş haty işiň arasyndan aýrylýar.[88]

Prokuror ýa-da onuň orunbasary aýyplaýyş hatyny tassyklap ýa-da täze aýyplaýyş hatyny düzüp, işi haýsy kazyýete degişli bolsa, şol kazyýete iberýär we işiň haçan hem-de haýsy kazyýete iberilendigini aýyplanýana habar edýär. Sonuň bilen birlikde prokuror ýa-da onuň orunbasary kazyýetde döwlet aýyplamasynyň goldamagyny zerur hasap edýändigini ýa-da etmeýändigini kazyýete habar berýär. Iş kazyýete iberilenden soň ähli iş boýunça arzalar we şikaýatlar dogrudan-dogry kazyýete iberilýär.[89]

### 3.2. Deslapdan tussaglykda saklamagyň esaslary

Sülçüniň karary, ýa-da prokuror bilen ygtyýarlandyrylan anyklaýyş geçirýän adamyň karary, prokuroryň karary, kazyýetiň hökümi ýa-da ätiýaçsyzlandyrmak çäre hökmünde bellenilen tussag astyna almak hakynda kesgitlemesi deslapdan tussaglykda saklamagyň esaslary bolup durýar. [90]

Aýyplanýan adam azatlykda gezip ýörse, derňewden we kazyýetden gizlener diýip ýa-da jenaýat işi boýunça hakykatyň takyklanmagyna päsgel berer diýip ýa-da jenaýatly iş bilen meşgullanar diýip çak etmäge ýeterlik esaslar bar mahalynda, şonuň ýaly-da hökümiň ýerine

[83] JPK-niň 209-njy maddasy.
[84] JPK-niň 213-215-nji maddalary.
[85] JPK-niň 222-nji maddasy.
[86] Şol-bir ýerde seret.
[87] JPK-niň 223-nji maddasy.
[88] JPK-niň 224-nji maddasy.
[89] JPK-niň 225-nji maddasy.
[90] JPK-niň 7-nji we 406-njy maddalary we „Deslapky tussag etmek hakynda düzgünnamanyň“ 3-nji maddasy.

ýetirilmegini üpjün etmek üçin, ätiýaçsyzlandyrmak (ätiýaçsyzlandyryş) çäreler seçip alnyp bilner.[91] Ätiýaçsyzlandyrmak (ätiýaçsyzlandyryş) çäresini ulanmagyň zerurdygy hakyndaky hem-de şol çäreleriň garaz birini seçip almak hakyndaky mesele çözülýän mahalynda jenaýatyň agyrlygy, jenaýat edendir öýdülýäniň ýa-da aýyplanýanyň şahsyýeti, onuň käri, ýaşy, saglyk ýagdaýy, maşgala ýagdaýy we başga ýagdaýlar nazarda tutulýar.[92]

Ätiýaçsyzlandyrmak çäre hökmünde tussag etmeklik haýsy jenaýatlar üçin iki ýyldan ýokary möhletli azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza kanunda göz öňünde tutulan bolsa, diňe şol jenaýatlar hakyndaky işler boýunça ulanylýar. Aýratyn halatlarda bu ätiýaçsyzlandyrmak çärele iki ýyldan ýokary möhletli azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza kanunda göz öňünde tutulan jenaýatlarda hem ulanyp bilner[93].

JK-niň Ýörite böleginde göz öňündde tutulan jenaýatlary etmekde aýyplanýan adamlar barada ätiýaçsyzlandyryş çäreleri hökmünde tussag etmeklik diňe jenaýatyň howplulygy esasynda ulanylyp bilner[94].

Tutup saklamak JPK-niň[95] 131-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertibinde adama ulanylmadyk mahalynda ätiýaçsyzlandyryş çäreleri hökmünde tussag etmäge diňe aýry-aýry prosesual hereketler amala aşyrylan mahaly kanunylygy üpjün etmek baradaky döwlet toparynyň gowşurmasy arkaly Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň rugsady bilen ýol berilýär[96].

Ätiýaçsyzlandyrmak çäre hökmünde tussag etmeklik kemala gelmedik adam barada ulanylmaly bolsa, diňe aýratyn halatlarda, edilen jenaýatyň agyrlygy sebäpli. Tussag etmäge ygtyýar barada meselesi çözülende prokuror ähli tussag astyna almagyň esaslaryny saklaýan materiallar bilen dykgat bilen tanyşmaga, zerur halatlarda bolsa aýyplanýandan ýa-da jenaýat edendir öýdülýänden özi sorag etmäge, aýyplanýan ýa-da jenaýat edendir öýdülýän kemala ýetmedik bolsa – hemme ýagdaýlarda.[97]

Aýratyn halatlarda ätiýaçsyzlandyrmak çäresi jenaýat edendir öýdülýän adam barada oňa ýüklenýän aýyp yglan edilmezden öň hem ulanylyp bilner. Şonuň ýaly bolanda ýüklenýän aýyp ätiýaçsyzlandyrmak çäresi ulanylan pursatdan başlap on gije-gündizden gijikdirilmän ýglan etmelidir. Eger şol möhletde ýüklenýän aýyp yglan edilmese, ätiýaçsyzlandyrmak çäresi ýatyrylýar.[98]

Anyklaýyş geçirýän adam, sülçi, prokuror ätiýaçsyzlandyrmak çärelerini ulanmak hakynda delillendirilen karar, kazyýet bolsa kesgitleme çykarýar. Kararda (kesgitlemede): aýyplanýanyň familiýasy, ady we atasynyň ady, doglan ýyly we ýeri, milleti, rayatlygy, bilimi, işleýän ýeri hem-de ýaşaýan ýeri, şol adamyň eden jenaýaty, we jenaýat kanunynyň haýsy maddasy boýunça aýyplanýandygy, ätiýaçsyzlandyrmak çäresini seçip almak üçin esaslar we seçilip alnan ätiýaçsyzlandyrmak çäresiniň görnüşi görkezilýär. Tussag etmek hakyndaky kararda mundan başga-da şol ätiýaçsyzlandyrmak çäresini ulanmak üçin esas

---

[91] JPK-niň 89 maddasy indiki ätiýaçsyzlandyrmak çäreleri belleýär:

- Başga ýere gitmezlik hakynda dilhaty;
- Şahsy zamunlyk;
- Jemgyýetçilik guramasynyň zamunlygy;
- Tussag etmek.
- Kemala gelmedikleri ene-atalarynyň, hossarlarynyň ýa-da howandarlarynyň seretmegine bermeklik, ýapyk çagalar edaralarynda terbiýelenýän kemala gelmedikler barada bolsa, – ol edaralarynyň administrasiýasynyň gözegçiligine bermekligi.
- Harby gullukçylaryň gulluk edýän goşun bölümleriniň müdiriýetiniň olara göz-gulak bolmagy.

[92] JPK-niň 91-nji maddasy.

[93] JPK-niň 96-njy maddasy

[94] Şol bir ýerde seret.

[95] Bu Maglumat güwänamasynyň 2.2.2 bölegini seret

[96] JPK-niň 96-njy maddasy.

[97] Şol bir ýerde seret.

[98] JPK-niň 90-njy maddasy.

bolan aýratyn ýagdaýlar görkezilýär. Kararyň (kesgitlemäniň) kopiýasy ýerine ýetirmek üçin tussaghana iberilýär. Ätiýaçsyzlandyrmak çäresini ulanmak hakyndaky karar ýa-da kesgitleme kim barada çykarylan bolsa, şol adama yglan edilýär.[99]

Aýyplanýan barada görlen ätiýaçsyzlandyrmak çäresi, onuň şondan beýläk zerurlygy bolmadyk mahalynda ýatyrylýar ýa-da işiň ýagdaýlary talap eden mahalynda ol has berk ýa-da has ýeňil çäre bilen çalşyrylýar. Ätiýaçsyzlandyrmak çärelerini ýatyrmaklyk ýa-da üýtgetmeklik anyklaýyş geçirýän adamyň, sülçüniň, ýa-da prokuroryň delillendirilen karary bilen, iş kazyýete berlenden soň bolsa – kazyýetiň delillendirilen kesgitlemesi bilen geçirilýär. Prokuroryň görkezmesi boýunça seçilip alnan ätiýaçsyzlandyrmak çäresini anyklaýyş geçirýän adamyň, sülçüniň, ýatyrmagyna, ýa-da üýtgetmegine diňe prokuroryň razylygy bilen ýol berilýär.[100]

### 3.3. Tussaglykda saklamagyň möhletleri[101]

Iş barlanýan wagtynda tussaglykda saklamak iki aýdan köpe çekdirilip bilinmez.

Ätiýaçsyzlandyrmak çäresini üýtgetmäge esas bolmasa bu möhleti welaýat prokurory, Aşgabat şäheriň prokurory, ýa-da olaryň orun basarlary - tussag edilen gününden alty aýa çenli uzaldyp biler.

Tussaglykda saklamak möhleti diňe işiň aýratyn çylşyrymlylygy sebäpli Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan goşmaça - tussag edilen gününden ýene bir ýyla çenli uzaldylyp bilner.

Goşmaça derňew geçirmek üçin iş kazyýet tarapyndan yzyna gaýtarylan mahalynda, eger-de şol iş boýunça saklamagyň möhleti geçen bolsa, we tussaglykda saklamak görnüşinde ätiýaçsyzlandyrmak çäresini ýagdaýlary boýunça üýtgedip bolmasa tussaglykda saklamagyň möhleti gözegçilik edýän prokuror tarapyndan iş gowşan pursadyndan bir aýdan artyk bolmadyk çäklerinde uzaldylýar. Aýyplanýanyň işiniň kazyýete iberilmigi çenli tussaglykda saklanan wagtyny nazarda tutup möhleti mundan artyk uzaldylyp bilner.

### 3.4. Deslapky tussag ediş ýerleri

Derňew izolýatorlar we başga kanunçylykda bellenilen ýerler tussag astyna alnanlaryň deslapky tussag ediş ýerleri) bolup durýarlar.[102]

### 3.5. Deslapky tussag ediş ýerlerdäki tertibiň esasy talaplary[103]

Tussag astyna alnan adamlaryň üzňeligi, hemişelik gözegçiligi we aýry-aýrylykda saklamagy deslapky tussag ediş ýerleriniň esasy talaplary bolup durýar.

---

[99] JPK-niň 99-njy maddasy.

[100] JPK-niň 102-nji maddasy.

[101] JPK-niň 98-nji we 154-nji maddalary.

[102] JPK-niň 407-nji maddasy we „Deslapky tussag astyna almak hakynda düzgünnamanyň" 4-nji maddasy.

Aýratyn halatlarda tussag astyna alnanlar türmede, deslapky tussaglyk kamerasynda hem-de gaupwahtada saklanylyp bilnerler.

Deslapky tussaglyk kameralarynda tussag edilen adamlar 3 gije-gündizden artyk bolmadyk möhletinde saklanylyp bilnerler. Eger daşlyk ýa-da zerur aragatnaşyk ýollarynyň ýoklugy sebäpli tussag edilenleriň deslapky izolýatora getirmegi mümkin däl bolsa, tussag edilenler deslapky tussaglyk kameralarda uzagrak 20 gije-gündizden artyk bolmadyk möhletiň dowamynda saklanylyp bilnerler. Şonuň ýaly halatlarda, şeýle-hem ätiýaçsyzlandyrmak çäre hökmünde tussag edilenler türmede saklanylanda, olaryň saklamagynyň tertibi deslapky tussaglygy ugrukdyrýan bellenilen kadalar bilen kesgitlenýär.

Eger azatlykdan mahrum ediliş ýerlerde jezany çekip ýören adamlar başga bir jenaýat üçin jenaýat jogapkärçilige çekilse we olar üçin ätiýaçsyzlandyrmak çäre hökmünde tussag astyna almak seçilip alynsa, olar , işi alyp barýan adamyň ýa-da edarasynyň karary boýunça, düzediş-zähmet koloniýanyň jerime izolýatorynda ýa-da terbiýeleýiş-zähmet koloniýanyň düzgün-tertip izolýatorynda saklanylyp bilnerler

[103] JPK-niň 410-njy maddasy we „Deslapky tussag etmek hakynda düzgünnamasynyň" 7-nji maddasy.

Tussag astyna alnanlaryň ýany dökülýär, daktiloskopiýa edilýär we surat alynýar; olaryň ýanyndaky zatlar, olaryň atlaryna gowuşýan ugratmalar we gowşurmalar gözden geçirilýär, hat-habarlary bolsa senzuradan geçirilýär.

Olara öz ýanlaryndaky puly, gymmatly zatlary, we başga deslapky tussag ediş ýerlerinde saklamaga rugsat berilmedik zatlary saklamaga gadagan edilýär. Olardan deslapky tussaglyk wagtynda alnan pullary hususy hasaplaryna geçirilýär, gymmatly zatlar we dersler saklama tabşyrylýar; zähmetsiz gazanylan pullar we gymmatly zatlar, ýa-da olaryň çeşmesi kesgitlenmedik mahalynda, deslapky tussag ediş ýeriniň başlygynyň delillendirilen karary boýunça prokuroryň ygtyýarlygy bilen döwletiň girdejisine geçirilýär.

Tussag astyna alnanlar adamlar diňe deslapky tussag ediş ýeriniň çäklerinde we öz razylygy boýunça, ýa-da işi alyp barýan adamyň ýa-da edarasynyň rugsaty bilen zähmete çekilip bilnerler. Olaryň zähmeti tölenilmelidir.

### 3.6. Deslapky tussag ediş ýerlerindäki aýry-aýrylykda saklamak[104]

Tussag astyna alnan adamlar umumy kameralarda saklanýarlar. Aýratyn halatlarda işi alyp barýan adamynyň ýa-da edarasynyň, ýa-da deslapky tussag ediş ýeriniň başlygynyň delillendirilen prokuror bilen ygtyýarlandyrylan karary boýunça olar ýeke adamlyk kameralarda saklanylyp bilner.

Tussag astyna alnanlar indiki üzňelik talaplaryny ýerine ýetirmeklikde kameralarda ýerleşýärler:

- erkekler – aýallardan aýry saklanylýar;
- kemala gelmedikler – ulylardan aýry saklanylýar;[105]
- ozal azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jezany geçirip gelen adamlar azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde saklanylmadyk adamlardan aýry saklanylýar;
- agyr jenayatlar üçin aýyplanýan ýa-da betgüman bolýan adamlar başga tussaglykda saklanýanlardan aýry saklanýar;
- Aýratyn howply jenaýat edendir öýdülýän ýa-da aýyplanýan adamlar, adat boýunça başga tussaglykda saklanýanlardan aýry saklanýar;
- aýratyn howply residiwistler başga tussaglykda saklanýanlardan aýry saklanýar;
- iş kesilenler başga tussaglykda saklanýanlardan aýrylykda we kazyýetiň hökümi bilen kesgitlenen düzediş-zähmet koloniýanyň tertibiniň görnüşi bilen baglylykda saklanýarlar;
- Daşary ýurt raýatlar we belli raýatlygy bolmadyk adamlar adat boýunça başga tussaglykda saklanýanlardan aýry saklanýar.

Hut şol bir jenaýat boýunça aýyplanýan ýa-da betgüman bolýan adamlar, işi alyp barýan adamyň ýa-da edarasynyň görkezmesi boýunça aýry saklanýarlar.

### 3.7. Tussag astyna alnan adamlardan sorag etmek[106]

Aýyplanýandan özüne ýüklenýän aýybyň düýp mazmuny barada we iş boýunça oňa mälim bolan ýagdaýlar hakynda sorag edilýär. Mundan başga-da, aýyplanýan iş boýunça subutnamalar bolup durýan hakykat ýüzündäki maglumatlar hakynda görkeziş bermäge haklydyr.

Sülçi aýyplanýana ýüklenýän aýyplary yglan edilenden soň ondan derrew sorag etmäge borçludyr.

Soragyň başynda sülçi yglan edilen aýybyň aýyplanýana düşnüklidigini ýa däldigini we jenaýat etmekde aýyplanýanyň özüni günäkär hasap edýändigini ýa etmeýändigini ondan

---

[104] JPK-niň 411-nji maddasy we „Deslapky tussag etmek hakynda düzgünnamasynyň“ 8-nji maddasy.

[105] Kemala gelmedikleriň saklanylýan kameralarynda ulylaryň saklamagyna diňe aýratyn halatlarda we prokuroryň ygtyýarlygy bilen ýol berilýär.

[106] JPK-niň 12, 71, 105-107, 145-146, 160, 198-200 maddalary.

soramalydyr, şundan soň ýüklenýän aýybyň düýp mazmuny boýunça görkeziş bermegi aýyplanýana teklip edýär.

Sülçi aýyplanýanyň beren görkezişlerini diňleýär we zerur bolan halatda oňa sorag berýär. Hut şol bir iş boýunça çagyrylan aýyplanýanlardan aýry-aýrylykda sorag edilýär, onsoňam sülçi olaryň öz aralarynda gepleşmezlikleri üçin çäre görýär.

Kemala gelmedik aýyplanýandan sorag edilende sülçüniň garamagy boýunça mugallym hem gatnaşyp biler.

Sorag edilende gatnaşýan mugallym aýyplanýana, sülçüniň rugsat etmegi bilen, sorag bermäge haklydyr. Sorag gutarandan soň mugallymyň sorag teswirnamasy bilen tanyşmaga we hat ýüzünde pikirini aýtmaga haky bardyr.

Gaýra goýup bolmajak halatlardan başga wagtda aýyplanýandan gijesine sorag edilip bilinmez.

Aýyplanýandan her gezek sorag edilende sülçi teswirnama ýazýar. Teswirnamada aýyplanýandan edilen soragyň başlanan we gutaran wagty, onuň familiýasy, ady, ýaşy, doglan ýeri, milleti, raýatlygy, bilimi, işleýän ýeri, wezipesi, ýaşaýan ýeri, maşgala ýagdaýy, ozal işiniň kasyýete düşenligi we aýyplanýan hakynda işiň ýagdaýy boýunça zerur bolan başga maglumatlar görkezilýär.

Teswirnamada aýyplanýanyň beren görkezişleri birinji ýöňkemede we mümkingadar sözme-söz beýan edilýär. Zerur bolan mahalynda aýyplanýana berlen soraglar we onuň jogaplary hem ýazylýar.

Sorag gutarandan soň teswirnama aýyplanýana okamak üçin berilýär ýa-da onuň, haýyşy boýunça oňa sülçi tarapyndan okalyp berilýär. Teswirnamanyň üstüniň doldurylmagyny we oňa düzedişleriň girizilmegini talap etmäge aýyplanýanyň haky bardyr. Şol artdyrmalar we düzedişler hökman teswirnama girizilmelidir.

Aýyplanýan teswirnamany okandan soň öz görkezişleriniň dogry ýazylandygyny öz goly bilen tassyklaýar. Aýyplanýan teswirnamada gol çekmezden öň teswirnamany aýyplanýanyň hut özüniň okandygyny ýa-da oňa sülçi tarapyndan okalyp berlendigini teswirnamada bellenýär. Eger teswirnama birnäçe sahypadan ybarat ýazylan bolsa, aýyplanýan her bir sahypa aýry-aýrylykda gol çekýär. Eger aýyplanýandan sorag edilende şol ýerde prokuror, aklawçy, hünärmen, ýa-da mugallym bar bolsa, bular hem teswirnama gol çekýärler.

Aýyplanýan görkeziş berenden soň, ol haýyş eden mahalynda, öz görkezişlerini hut öz eli bilen ýazmagyna oňa mümkinçilik berilmelidir we bu hakda sorag teswirnamasynda bellik edilýär. Berlen görkezişiň aşagyna aýyplanýan we sülçi gol çekýär.

Sülçi aýyplanýanyň hat ýüzünde beren görkezişleri bilen tanşandan soň oňa goşmaça sowallary berip biler.

Şol sowallary we olara berlen jogaplary sülçi teswirnama ýazýar. Sowallaryň we jogaplaryň dogry ýazylandygy aýyplanýanyň we sülçüniň gollary bilen tassyklanýar.

Eger aýyplanýandan sorag etmeklik terjimeçiniň gatnaşmagy bilen geçirilýän bolsa, terjimeçä öz borçlarynyň düşündirilendigi we görnetin ýalan terjime edilenligi üçin jogarkärçiligiň duýdurylandygy teswirnamada görkezilmelidir, munuň özi terjimeçiniň goly bilen tassyklanýar. Aýyplanýanyň terjimeçä sowgut bermek hukugynyň oňa düşündirilendigi we şu mynasybetli aýyplanýanyň aýdan sözleri hem teswirnamada bellenýär.

Terjimeçi teswirnamaň her bir sahypasyna we tutuş teswirnama gol çekýär. Aýyplanýan teswirnamaň dilden aýdylan terjimesiniň öz beren görkezişlerine laýyk gelýändigini teswirnamaň ahyrynda gol çekmek bilen tassyklaýar. Eger sorag teswirnamasy başga dile hat ýüzünde terjime edilen bolsa, tutuş terjimä we onuň her bir sahypasyna terjimeçi we aýyplanýan gol çekmelidir.

### 3.8. Tussag astyna alnan adamlar üçin ýuridiki kömegi[107]

Aýyplanýan özüni aklamaga hukugy bilen üpjün edilýär. Kazyýet, prokuror, sülçi, we anyklaýyş geçirýän adam aýyplanýan üçin oňa ýüklenýän aýyplardan kanun boýunça bellenen serişdeler we usullar bilen aklanjak bolmak mümkinçiligini üpjün etmäge hem-de onuň şahsy we emläk hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmäge borçludyrlar.

Adamyň jenaýat etmekde şübhelenýän hökmünde sorag edilen, ýüklenýän aýyplar yglan edilen pursatyndan başlap aklawçynyň işe gatnaşmagyna ýol berýär, adamyň jenaýat edendir öýdülip tutulyp saklanan mahalynda, ýa-da oňa ýüklenýän aýyplar yglan etmekden öň ätiýaçsyzlandyrmak çäre hökmünde tussag etmeklik ulanylan bolsa – oňa tutup saklamak baradaky protokoly ýa-da şol ätiýaçsyzlandyrmak çäresini ulanmak baradaky karary yglan edilen pursatdan, ýöne tutup saklanan ýa-da tussag edilen pusadyndan ýigrimi dört sagatdan gijä galdyrmaly däl.

Aklawçy hökmünde adwokatlar, kärdeşler arkalaşyklaryň we beýleki jemgyýetçilik guramalaryň wekilleri şol guramalaryň agzalarynyň işleri boýunça çykyş edip bilerler. Aklawçylar hökmünde aýyplanýanyň ýakyn garyndaşlary, kanuny wekilleri ýa-da başga adamlar işe gatnaşdyrylyp bilner. Aklawçy aýyplanýan, onuň kanuny wekili tarapyndan hem-de aýyplanýanyň tabşyrmagy boýunça ýa-da onuň razylyk bermegi bilen başga adamlar tarapyndan çagyrylýar.

Eger aýyplanýanlaryň birini aklamagyň bähbitleri beýlekilerini aklamagyň bähbitlerine ters gelýän bolsa, bir aklawçy birnäçe aýyplanýany aklap bilmez.

Aýyplanýanyň haýyş etmegi boýunça anyklaýyş geçirýän adam, sülçi we kazyýet aklawçynyň işe gatnaşmagyny üpjün edýär.

Aýyplanýan tarapyndan seçilip alnan aklawçynyň işe gatnaşmagy JPK bilen bellenilen möhletinde mümkin bolmadyk halatlarda, anyklaýyş geçirýän adam, sülçi we kazyýet başga aklawçyny çagyrmagy aýyplanýana teklip etmäge ýa-da hukuk maslahathanasynyň üsti bilen üpjün edýärler. Hukuk maslahathananyň müdiri ýa-da adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumy aýyplanýany aklamak üçin adwokaty bellemäge borçludyrlar.

Hukuk maslahathanasynyň müdiri ýa-da adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumy, seýle hem işi ýöredýän anyklaýyş geçirýän adam, prokuror, kazyýet Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertibinde aýyplanýany ýuridiki kömekden bölekleýin ýa-da doly boşatmaga haklydyrlar.

Hukuk maslahathanasynyň müdiri ýa-da adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumy aýyplanýany ýuridiki kömegiň töleginden boşadan mahalynda, adwokatyň zähmeti üçin tölegi adwokatlar kollegiýasynyň serişderelinden tölenýär.

Anyklaýyş geçirýän edarasy, prokuror, ýa-da kazyýet raýaty ýuridiki kömegiň töleginden boşadanda, adwokatyň zähmeti üçin tolegi hökümetiň hasabyndan Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen bellenilen tertipde tölenýär. Adwokatyň zähmeti hökümetiň hasabyndan töleninde anyklaýyş geçirýän adam, sülçi, prokuror - karar, kazyýet bolsa – anyklama çykarýalar. Adwokatyň zahmetiniň hökümetiň hasabyndan tölenmegi barada karar we anyklama hukuk maslahathana habar üçin, maliýe edarasyna hem – ýerine ýetirmek üçin gönükdirilýär. Hukuk maslahathanasyna tölenilýän pul möçberi raýatlara ýuridiki kömeginiň töleglerini ugrukdyrýan kadalar bilen bellenilýär.

Birinji basgançakly kazyýetde işe garalanda şu aşakdaky işler boýunça aklawçynyň gatnaşmagy hökmandyr:

– döwlet ýa-da jemgyýetçilik garalawçynyň gatnaşýan işleri boýunça;
– özleriniň fiziki ýa-da psihiki ýetmezçilikleri zerarly, özlerini goramak hukugyny amala aşyryp bilmeýän adamlaryň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça;

[107] JPK-iň 14, 50-53, 53[1], 67, 77, 209, 211-212-nji maddalary we TSSR-yň „Türkmenistan SSR-nyň adwokatura hakynda düzgünnamasyny tassyklamak hakynda“ Kanuny bilen tassyklanan „Türkmenistan SSR-nyň adwokatura hakynda düzgünnamasynyň 14-15 we 18-nji maddalary (№ 465-X , 14.05.1981).

– kemala gelmedik adamlaryň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça;
– sud edilýän kazyýet işiniň ýöredilýän dilini bilmeýän mahalynda;
– eger sud edilýänleriň hatda biriniň-de aklawçysy bolup, sud edilýänleri aklamak bähbitleriniň arasynda garşylyklar bar bolan mahalynda.[108]

Aýyplanýan iş ýöredilýän mahalynda her bir pursatda aklawçydan ýüz döndermäge haklydyr. Şonuň ýaly ýüz döndermeklige aýyplanýanyň dine öz islegi boýunça ýol berilýär we munuň özi döwlet garalawçysynyň, şonuň ýaly-da beýleki sud edilýänleriň aklawçylarynyň işe gatnaşmaklaryny dowam etdirmekleri üçin päsgelçilik bolup bilmez.

Kemala gelmedik adamyň ýa-da özüniň fiziki ýa psihiki ýetmezçilikleri zerarly, özüni goramak hukugyny amala aşyryp bilmeýän aýyplanýanyň aklawçydan ýüz döndermegini kanagatlandyrmak kazyýet üçin ýa-da degişli suratda sülçi we prokuror üçin hökman däldir.

Aklawçy aýyplanýany aklaýan ýa-da onuň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaýlary aýdyňlaşdyrmak maksady bilen aklamagyň kanunda görkezilen ähli serişdelerini we usullaryny peýdalanmaga hem-de aýyplanýana zerur ýuridiki kömegi bermäge borçludyr.

Işe gatnaşmaga rugsat berlen pursatyndan başlap aklawçy: aýyplanýan bilen görüşmäge; işiň ähli materiallary bilen tanyşmaga we işden zerur maglumatlaryň ýazyp almaga; subutnamalary getirip görkezmäge; haýyşyny aýtmaga; kazyýet seljerişine gatnaşmaga; sowgut bermäge; sülçüniň, prokuroryň we kazyýetiň hereketleri hem-de kararlary barada şikaýat etmäge haklydyr. Mundan başga-da, sülçüniň rugsat bermegi bilen aklawçy aýyplanýandan sorag edilýän ýerde we aýyplanýanyň ýa-da onuň aklawçysynyň haýyşlary boýunça ýerine ýetirilýän başga derňew hereketleriniň geçirilýän ýerinde oturyp biler.

Adwokatyň aýyplanýany aklamak barada öz üstüne alan borjundan ýüz döndermäge haky ýokdur.

Adwokatyň, kärdeşler arkalaşyklaryň we başga jemgyýetçilik guramasynyň wekiliniň, aklamak bilen baglylykda olara mälim bolan maglumatlaryň syryny açmaga haklary ýokdur.

Adwokatdan, kärdeşler arkalaşyklaryň we başga jemgyýetçilik guramasynyň wekilinden, aklawçy hökmünde öz borjuny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşyklylykda olara mälim bolan işiň ýagdaýlary hakynda şaýat hökmünde sorag edilip bilinmez.

Eger adwokat, kärdeşler arkalaşyklaryň we başga jemgyýetçilik guramasynyň wekili şol-bir iş boýunça başga adama ýuridiki kömegi edýän ýa eden bolsa we onuň bähbitleri işi alyp barmaga haýyş edip ýüzlenen adamyň bähbitleri bilen deň gelmese, ýa-da ol mundan öň kazy, prokuror, sülçi, anyklaýyş geçiren adam, ekspert, hünärmen, terjimeçi, şaýat ýa-da güwä hökmünde işe gatnaşan bolsa, şeýle-hem adwokat, kärdeşler arkalaşyklaryň we başga jemgyýetçilik guramasynyň wekili bilen garyndaşlykda bolan wezipeli adam derňewe ýa-da işiň garamagyna gatnaşýan bolsa, onuň aklawçynyň ýa-da heläkçilik çekeniň, raýat talap edijiniň we jogapkäriň wekili hökmünde işe gatnaşmaga haky ýok.

Adwokaty bellenilen tertipde sowgut edip bolar.

Sülçi aýyplanýanyň işi boýunça derňewiň gutarandygyny yglan eden soň we oňa işiň ähli materiallary bilen hut özüniň-de tanyşmaga, aklawçynyň kömegi bilen-de tanyşmaga, şonuň ýaly-da deslapky derňewiň üstüniň ýetirilmegi hakynda haýyşyny aýtmaga hakynyň bardygyny oňa hak berýär.

[108]Lal, ker, kör, we başga özlerini goramak hukugyny özleri amala aşyryp bilmeýän adamlaryň jenaýatlary hakynda işler boýunça deslapky derňewde sülçüniň bolmagy hökmandyr, kemala ýetmedik adamlaryň jenaýatlary hakynda işler boýunça – aýyplar ýüklenenden soň, sud edilýän işiniň ýöredilýän dilini bilmedik mahalynda, – aýyplanýana deslapky derňewiň gutarandygyny yglan edilýan we oňa işiň bütin dolandyryjylygyny tanyşmak üçin berilýän pursadyndan. Eger sanalan halatlarda aklawçy aýyplanýanyň özi tarapyndan, onuň kanuny wekili ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça başga adamlar tarapyndan çagyrylmadyk bolsa, degişli suratda sülçi ýa-da kazyýet onuň üçin aklawçy bellemäge borçludyr. (JPK-iň 51-nji maddasy)

Eger aýyplanýýan aklawçy tutmak islegini bildirmedik bolsa, tanyşmak üçin işiň ähli materiallary oňa görkezilýär. Aýyplanýan iş boýunça geçirilen derňew bilen tanyşmaga gatnaşmak üçin aklawçynyň çagyrylmagyny haýyş edýän mahalynda, şonuň ýaly-da ýüklenýän aýyp yglan edilen pursadyndan başlap işe ähli materiallaryny aýyplanýana we onuň aklawçysyna görkezýär. Şonda işiň materiallaryny görkezmegi aklawçy gelýänçä gaýra goýulmalydyr, emma bäş gije-gündizden artyk gaýra goýlup bilinmez. Aýyplanýanyň seçip alan aklawçysynyň görkezilen möhletde gelmegi mümkin bolmadyk mahalynda, sülçi başga aklawçyny çagyrmak üçin çäre görýär. Aýyplanýana we onuň aklawçysyna işiň ähli materiallary tikilen we normelenen görnüşinde görkezilýär. Eger deslapky derňew geçirilen mahalynda kinosýomka ýa-da ses ýazgysy ulanylan bolsa, onda olar aýyplanýana we onuň aklawçysyna görkezilýär we aýtdyrylyp eşitdirilýär. Aýyplanýanyň ýa-da onuň aklawçysynyň haýysy boýunça sülçi işiň materiallary bilen aýry-aýrylykda tanyşmaga olara rugsat bermäge haklydyr.

Eger iş boýunça bir-näçe aýyplanýanlar jogapkärçilige çekilen bolsalar, işiň ähli materiallary olaryň her birine görkezilýär.

Aýyplanýan we onuň aklawçysy işiň materiallary bilen tanşyp bolandan soň, sülçi derňewiň üstüni doldurmagy hakynda olaryň haýyşynyň bardygyny ýa ýokdugyny olardan soramaga borçludyr.

Aýyplanýan işiň materiallary bilen tanyşmak mahalynda işden zerur maglumatlary ýazyp almaga haklydyr.

Aýyplanýan we onuň aklawçysy zerur bolan wagtynda işiň ähli materiallary bilen tanyşmaga çaklenilip bilinmezler. Ýöne, eger aýyplanýan we onuň aklawçysy işiň materiallary bilen tanyşmagyny görnetin uzaga çekdirýän bolsalar, sülçi prokuror bilen tassyklanan öz delillendirilen karary bilen işiň materiallary bilen tanyşmak üçin belli bir möhletini kesgitläp biler.

Deslapky derňewiň gutarandygy kemala gelmedik adama yglan edilende we işiň materiallary tanyşmak üçin oňa görkezilende, eger ol haýyş edýän bolsa, onuň kanuny wekili iş bilen tanyşmaga göýberilmelidir.

Eger sülçi aýyplanýanyň iş materiallary bilen tanyşdyrylmagyna kemala gelmedigiň kanuny wekiliniň gatnaşdyrylmagy kemala gelmedigiň bähbitlerine zyýan berip biler diýip hasap edýän bolsa, onda onuň şol wekili bu işe gatnaşdyrmazlyga-da haky bardyr.

Sülçi işiň ähli materiallarynyň tanyşmak üçin aýyplanýana we onuň aklawçysyna görkezilendigi hakynda teswirnama düzýär. Teswirnamada aýyplanýana deslapky derňewiň gutarandygynyň yglan edilendigi, onuň hukuklarynyň düşündirilendigi, tanyşmak üçin hut haýsy materiallaryň görkezilendigi (bölümleri we sahypalaryň mukdary), işiň materiallary bilen tanyşdyrmagyň nirede we näçe wagtda geçirilendigi, aýyplanýan hem-de onuň aklawçysy tarapyndan nähili haýyşlaryň edilendigi we olaryň nähili arzlaryny aýdandygy bellenýär. Eger aýyplanýan işiň materiallary bilen tanyşmakdan ýüz dönderen bolsa, munuň özi teswirnamada görkezilýär we eger aýyplanýan ýüz döndermeginiň sebäplerini aýdan bolsa, şol sebäpler hem beýan edilýär.

Aýyplanýan we onuň aklawçysy deslapky derňewiň üstüniň ýetirilmegi hakynda dilden we hat ýüzünde haýyş edip biler. Dilden aýdylan haýyşlar teswirnama ýazylýar, hat ýüzünde edilen haýyşlar bolsa, mundan başga-da, işe goşulýar.

Iş üçin ähmiýeti bar bolan ýagdaýlaryň aýdyňlaşdyrylmagy hakynda haýyş edilen mahalynda, sülçi deslapky derňewiň üstüni ýetirmäge borçludyr. Eger goşmaça geçirilýän derňew hereketleri wagtynda aklawçy bolýan bolsa, sülçüniň rugsat etmegi bilen ol şaýata, heläkçilik çekene, eksperte, hünärmene, we aýyplanýana sowal bermäge, şonuň ýaly-da iş üçin ähmiýeti bolan maglumatlaryň teswirnama girizilmegini haýyş etmäge haklydyr.

